TÜRKMENISTANYŇ OBA WE SUW HOJALYK MINISTRLIGI
TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTY
TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MALDARÇYLYK WE WETERINARIÝA
INSTITUTY

# ÝAŞ GÖLELERI SAKLAMAGYŇ WE IÝMITLENDIRMEGIŇ NETIJELI USULLARY

**Ylmy-önümçilik gollanma**



**TÜRKMENISTANYŇ OBA WE SUW HOJALYK MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTY**

**TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY MALDARÇYLYK WE WETERINARIÝA INSTITUTY**

**A.Çerkezow, M.Meretmädow, N.Kakabaýewa**

# ÝAŞ GÖLELERI SAKLAMAGYŇ WE ÝMITLENDIRMEGIŇ NETIJELI USULLARY

**Ylmy-önümçilik gollanma**

Gollanma Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrliginiň Ylmy-tehniki geňeşi we Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyňRedaksion geňeşi tarapyndan makullanyp, çapa hödürlendi

Aşgabat
Ylym
2018

UOK 636.2
Ç37

**Çerkezow A. we başg.**
Ç 37 **Ýaş göleleri saklamagyň we iýmitlendirmegiň netijeli usullary.** Ylmy-önümçilik gollanma. // Oba hojalyk ylymlarynyň kandidaty A.Gapurowyň redaksiýasy bilen. – A.: Ylym, 2018.– 56 sah.

Ylmy-önümçilik gollanmasynda ýaş göleleriň doglandan 6 aýlyk ýaşa çenli aralykda saklanylyşy, iýmitlendirilişi, toparlara bölünilişi we olarda ýüze çykýan keselleriň öňüni alyş we bejeriş çäreleri barada maglumatlar berilýär. Bu gollanmadan ýokary okuw we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary, weterinarlar peýdalanyp bilerler.

**Syn ýazanlar:**

*A.Çaryýew* – Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Maldarçylyk we weterinariýa ylmy-barlag institutynyň Guşçulyk bölüminiň müdiri, o.-h.y.k.
*A.Ýazberdiýew* – Daşoguz oba hojalyk önümçilik birleşiginiň maldarçylyk, tohumçylyk-seçgi we weterinariýa bölüminiň baş hünärmeni.

TDKP № 110, 2018 KBK 46.0

© Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrligi, 2018
© Çerkezow A. we başg., 2018
© “Ylym” neşirýaty, 2018



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzyň oba hojalygy, şol sanda maldarçylyk pudagy güýçli depginler bilen ösdürilýär, mallaryň baş sanyny artdyrmak, tohumyny gowulandyrmak we olardan alynýan önümleriň mukdaryny artdyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Ýurdumyzda maldarçylygy ösdürmekde pudagyň işini ylmy esasda ýola goýmagyň, mallaryň tohumçylygyny ösdürmegiň, seleksiýanyň netijeli usullaryny ulanyp, oba hojalyk mallarynyň ýokary önümli täze genetik toparlaryny döretmegiň, täze doglan ýaş göleleri ylmy esasda saklamagyň, talabalaýyk iýmitlendirmegiň ylmy-amaly ähmiýeti örän uludyr.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz aladasy bilen ýurdumyzyň welaýatlarynda gurlup ulanyşa girizilýän häzirkizaman maldarçylyk toplumlaryna daşary döwletlerden ýokary önüm berýän tohum sygyrlar we gymmat bahaly tohum öküzler getirilýär. Ýerli sygyrlaryň önüm berijiliginiň genetiki mümkinçiliklerini gowulandyrmak üçin köp wagtyň talap edýändigini göz öňünde tutmak bilen, hojalyklarda tohum öküzleri ulanyp sagdyn, geljekde ýokary önüm bermäge ukyply ýaş göleleri almagyň we olary talabalaýyk idetmegiň uly önümçilik ähmiýeti bardyr.

Aýratyn-da, ýaş mallary kadaly ösdürmek we olary dürli kesellerden gorap saklamak wajyp meseledir. Göleleriň kadaly ösmegi, boý almagy we kesellere durnukly bolmagy üçin hojalyklarda toplumlaýyn sanitar-gigiýeniki we ýörite weterinar çäreleriň amala aşyrylmagy zerurdyr.

Ýaş göleler doglan badyna biologik aýratynlyklary göz öňüne tutulyp, iýmitlendirilse we saklanylsa beden ýokary önüm bermäge doly taýýarlanýar.

Täze doglan ýaş gölelere daşky gurşawyň dürli faktorlary we dürli keseldöredijiler uly täsirini ýetirýär. Bu faktorlaryň täsiri göleleriň ösüşiniň dürli döwürlerinde birmeňzeş bolmaýar. Soňa görä-de ýaş göleleriň ösüşi, boý alşy, we geljekdäki önümliligi olaryň amatsyz şertlere bolan durnuklylygynyň ýokarlandyrylmagyna we talabalaýykSaklanyşyna hem-de iýmitlendirilişine bagly bolýar.

Ýokarda aýdylan derwaýys wezipelerden ugur alnyp, Türkmen oba hojalyk institutynyň Okuw-tejribe hojalygynda 2017-nji ýyldan başlap gara mallaryň önüm berijiligini ýokarlandyrmak, ýokary önüm berýän mal sürülerini döretmek, ýaş göleleriň netijeli iýmitlendiriliş usullaryny işläp düzmek maksady bilen ylmy-barlag işleri geçirilip başlandy. Daşoguz welaýatynda ilkinji gezek ýerli gara mallary sygyrlaryny daşary ýurtdan getirilen ýokary önüm berýän Golştinofriz tohumly iri şahly mallaryň öküzleri bilen tohumlandyryp, olardan alnan göleleriň daşky gurşawyň täsirlerine, kesellere bolan durnuklylygy hem-de olaryň ekologik, fiziologik, iýmitlendiriş we saklanyş aýratynlyklary ylmy esasda öwrenilýär.

## 1. SAGDYN GÖLE ALMAKLYGYŇ ÝOLLARY

Ýaş göleleri saklamagyň we iýmitlendirmegiň ýokary netijeli tehnologiýasyny işläp düzmek üçin ilki bilen göläniň enesinden sagdyn dogmagyny gazanmaly. Gara mallardan sagdyn göle almak bara- daky aladany olaryň enesiniň bogazlyk döwründen başlamaly. Sygryň bogazlyk wagtynyň ýokarlanmagy bilen düwünçegiň ösüş çaltlygy hem ýokarlanýar. Göwredäki düwünçegiň ulalmagy üçin, hem-de göle bolandan soň onuň ösmekligi üçin olara köp mukdarda her dürli ýokumly we mineral maddalar, witaminler gerek bolýar. Olar bolsa diňe ot-iýmiň üsti bilen üpjün edilmeli.Sagdyn göle almak üçin: sygyrlary öz wagtynda süýtden çykarmaly, olary gölelemeklige taýýarlamaly, göläni kabul etmeli, täze bolan gölä maksada laýyk ideg etmeli.

### 1.1 Bogaz sygyrlary süýtden çykarmaklygyň wagtywe iýmitlendirilişi

Sygyrlaryň bogazlygynyň birinji ýarymynda, haçan-da göwredäki göläniň esasy beden agzalarynyň, ýagny ýüregiň, öýkeniň, bagryň, aşgazanyň intensiw çalt ösýän wagtynda, sygyra berilýän ot-iýmiň hiline uly üns bermeli. Bogazlygynyň ikinji ýarymynda (bäş aýdan soň), haçan-da göwredäki göläniň süňk ulgamy, muskulaturasy, hamy ösýän wagtynda ot-iýmiň göwrümine uly üns bermeli. Esasan hem, göwredäki göläniň agramy sygryň bogazlygynyň soňky iki aýynda has hem ýokarlanýar. Şu döwürde göläniň agramy 17-20 kg

çenli agralýar.

Gölelemeklige 1,5-2 aý galanda bogaz sygyrlary süýtden çykarýarlar. Eger-de bogaz sygyr gölelemekligine 2-2,5 aý galanda gününe 2-3 litr süýt berýän bolsa ony hiç hili gorkusyz şol wagt süýtden çykaryp bolýar. Ýokary süýtli sygyrlary ýuwaş-ýuwaşdan süýtden çykarmaly: konsentratlaryň berilişini azaltmaly (gününe 1 kg çenli), şireli otlary düýbinden aýyrmaly we günde bir gezek sagmaga geçmeli. Tomus aýlary sygyrlar süýtden çykarylanda konsentrat iýmler rasiondan aýrylýar we gök otlaryň möçberi azaldylýar. 3-4 gün bir wagtynda sagylandan soň sagymy bes edýärler. Sygyrlaryň süýdi çekilen döwründe malyň garnyndaky gölesiniň ösmegi üçin we onyň indiki sagym döwründe berjek süýdi üçin ýokumly maddalaryň gory döredilýär. Süýtden çykan sygyrlaryň iýmitlendirilişini olaryň diri agramynyň gije-gündizki artyşy 800-900 grama barabar bolar ýaly edip guramak hökmandyr. Süýtden çykan sygyrlaryň rasionynda gaty baldakly otlar bilen birlikde şireli we konsentrat ot-iýmler hem goşulmaly.

*1-nji tablisa*

**Süýtden çykan bogaz sygyrlary iýmitlendirmegiň kadalary (gije-gündizde her bir baş mal üçin)**

| Görkezijiler | Ölçeg birligi | Süýt önümliligi, kg | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 3000 | | 4000 | | 5000 | |
| | | Diri agramy, kg | | | | | |
| | | 400 | 500 | 400 | 500 | 500 | 600 |
| Ot-iým birlikleri | kg | 6,6 | 7,7 | 7,9 | 8,8 | 9,9 | 10,7 |
| Gury madda | kg | 9,4 | 11 | 9,6 | 11 | 11,6 | 12,6 |
| Özleşdirilýän protein | gr | 725 | 850 | 850 | 970 | 1090 | 1175 |
| Gant | gr | 580 | 680 | 680 | 775 | 980 | 1060 |
| Nahar duzy | gr | 40 | 50 | 45 | 55 | 60 | 70 |
| Kalsiý | gr | 60 | 80 | 70 | 90 | 95 | 110 |
| Fosfor | gr | 35 | 45 | 40 | 50 | 55 | 65 |
| Karotin | mg | 295 | 345 | 385 | 440 | 495 | 535 |

Süýtden çykan sygyrlaryň rasionynda konsentratlaryň paýy ýokumlylygy boýunça 20-26% barabar bolmalydyr. Rasiona azyndan

5-6 kg bede, 10 kg çenli silos, 15 kg çenli senaž goşulýar.

*2-nji tablisa*

**Süýtden çykan bogaz sygyrlar üçin rasionyň düzümi(ýokumlylygy boýunça % hasabynda)**

| Ot-iýmler | Süýt önümliligi, kg | | |
|---|---|---|---|
| | 3000 | 4000 | 5000 |
| | Gyş döwründe | | |
| Gaty baldakly ot-iýmler, jemi: | 50 | 48 | 47 |
| şol sanda: bede | 25 | 25 | 24 |
| senaž | 25 | 23 | 23 |
| silos | 28 | 28 | 27 |
| konsentratlar | 22 | 24 | 26 |

Sygyrlar tomus döwründe mümkinçilik bar bolsa öri meýdanda saklanylýar ýa-da olara bassyrmalaryň aşagynda-kölegelerde gök ot berilýär.

Süýtden çykan sygyrlary şireli ot-iýmler bilen iýmitlendirmek maslahat berilmeýär. Süýtden çykan sygyrlary gossipoly köp möçberde saklaýan pagta çigidiniň künjarasy, sarun (şrot), doňan silos we heňlän ot-iýmler bilen iýmitlendirmek düýbinden gadagandyr. Şeýle ot-iýmler bilen iýmitlendirmek sygyrlaryň göle taşlamagyna getirip biler ýa-da gowşak göleleriň dogmagyna sebäp bolup biler. Ýokarda aýdylyşy ýaly sygyr göleländen soň onuň süýtlüligi we bolan göläniň sagatlygy köp halatlarda süýtden çykan sygryň idegine bagly bolýar. Geçirilen ylmy-önümçilik işleriň görkezişi ýaly göläniň öli ýa-da gowşak dogmagynyň esasy sebäbi enesiniň ýeterliksiz iýmitlendirilmegidir, aýratyn hem bogazlygynyň soňky aýlarynda.

Sygryň diri agramy, süýt bermeýän döwründe (1,5-2 aý), 40-55 kg artmaly. Sygra mylaýym suw içirmeli. Gyzgyn suw bermek bolanok. Sowuk suw içse göle taşlamagy mümkin. Bogazlygynyň soňky 7-10 gününde sygyra oňat bede berýärler, konsentratlaryň kadasyny 1 kg çenli azaldýarlar. Oňat semizlikdäki sygyrlara konsentrat berilmeýär, rasiondan şireli otlary hem aýyrýarlar. Gije-gündizde üç wagtyna suwa ýakýarlar.

## 1.2 Bogaz sygyrlary gölelemeklige taýýarlamakwe göläni kabul etmek

Sygryň bogazlyk döwri 280-285 gün dowam edýär. Sygryň netijeli tohumlandyrylan (bukadan çykan) wagtyny bilip, öňünden onuň gölelejek wagtyny kesgitlemeli. Belli bir derejede muny bogazlyk kalendary (goşundyda getirilýär) esasynda hasap etmek bolar. Şeýle hem, zooweterinar hünärmenleriniň kömegine ýüzlenilse oňat bolar, sebäbi eýesi sygrynyň gölelejek wagtyny bilip oňa taýynlanmaly. Sygryň gölelejegini şeýle alamatlar boýunça bilmek bolar: ýelniň we daşky jyns organlarynyň çişmegi, çanaklyk süňkleriň birleşmesiniň gowşamagy, gölelemegine 1-2 gün galanda ýelniň emziklerinden süýdüň gelmegi. Sagdyn göle almak we her hili infeksiýalardan goranmak üçin sygryň gölelemegine oňat taýynlanmaly. Munuň üçin sygyr ýatagyny (jaýyny) arassalamaly we dezinfeksiýa geçmeli. Aýak aşagyna düşelýän sypaly täzelemeli. Sygyr göleleýän wagty agaç ýonuşgasyny aýak astyna düşek edip ulanmak maslahat berilmeýär. Bogaz sygra gözegçilik gurnamaly. Sygryň gölelemeginiň ilkinji alamatlary onuň umumy ynjalyksyzlygydyr: ýygy-ýygydan garnyna seredýär, aýak aşagyna düşelen sypaly ysgaýar, ýatýar, turýar we şuňa meňzeşler. Bu döwürde sygry daňmaly däl, daňyda bolsa boşatmaly we oňa amatly ýagdaý tapmaga mümkinçilik döretmeli. Köplenç sygyrlar ýata guzlaýarlar. Eger göle dogry gelse sygyra kömek bermek hökman däl. Göle bolanyndan soň ony sygra ýalatmaga berýärler. Sygyr göläni ýalamak bilen göläniň endamyny oňat owkalama (massaž) geçirýär we göläniň bedeninde geçýän köp funksiýalary güýçlendirýär. Göläni ýalamaklyk ilkinji tezegiň we peşewiň çykmagyna getirýär. Göläniň daşyndaky nem (sliz) bolsa sygryň bedenine düşüp süýt inmegine we eşeniň aňsat gaçmagyna ýardam edýär. Şeýlelikde, sygyrda öz gölesini ysyndan tanamak häsiýeti bolýar.

## 1.3 Täze gölelän sygra ideg etmek

Göleländen soň sygyr aýratyn ideg talap edýär. Gölelän gününde sygyra ýokary hilli bede we ýyly suw berýärler. 2-3-nji gün rasiona 1-

2 kg möçberinde konsentrat goşýarlar. 4-5-nji günden başlap, süýt önümliligine baglylykda gündelik möçberini köpeldip, şireli we gök otlar berýärler. Göleläninden soň sygryň ýelni köplenç çişginli bolýar. Çişini ýatyrmak üçin ony çalt-çaltdan (5-6 gezek) sagmaly. Ýelniň çişiniň gaýtmagyna gündelik gezim etdirmeklik oňat netije berýär. Ony aňsatgölelän sygyrlarda 2-3-nji günden başlansa bolar.

## 2. ÝAŞ GÖLELERIŇ ÝATAGYNA ZOOGIGIÝENIK TALAPLAR

### 2.1. Göleleriň saklanylyşy

Täze doglan göleler ösdürilip ýetişdirilende sanitar-gigiýenik düzgünler berjaý edilmedik ýagdaýynda olaryň kesellere bolan durnuklylygy we geljekki önümliligine täsir edýän genetiki mümkinçilikleri peselýär.

Ilki bilen ýaş mallaryň saklanýan ýerinde amatly şertler döredilmeli. Täze doglan göleler 15-20 güne çenli aýratyn göle ýataklarda saklanylmaly. Her bir göläniň aýratyn ot-iým we suw üçin nowalary bolmaly. Mal jaýlarynda mikroklimatyň görkezijileri talaba laýyk bolmaly.



**1-nji surat.**
**Göleleri aýratynlykda saklamak üçin ýatak (öýjagaz)**

Öýjagazyň uzynlygy 150-250 sm aralygynda, ini 110-130 sm, beýikligi 120-130 sm aralykda bolmaly. Suw we ot-iým üçin aýratyn

nowalary bolmaly. Göle ýataklaryň içine saman düşemeli. Zaýalanan samanlary günde 2-3 gezek aýryp, arassalap durmaly. Doly arassaçylyk işleri hepdede bir gezek geçirilýär.

**Göleleri ýataklarda aýratyn özbaşdak saklamagyň şu aşakdaky gowy taraplary bar:**

-göleler aýratynlykda saklanylsa ýokanç keselleriň ýaýramagynyň öňi alynýar;

- gerek kada boýunça aýratyn iýmitlendirip bolýar;

- göleler fiziologik taýdan gowy ösýär, saglygy has-da berkeýär, kesellere bolan durnuklylygy ýokarlanýar. Göleler şeýle ýagdaýda saklanylsa hojalyga ykdysady taýdan has uly girdeji getirýär.

Göleler üç aýlyk ýaşa ýetenden soňra gezim ýataklara çykarylýar we ýaşlaryna görä aýratyn toparçalara bölünip saklanylýar.



**2-nji surat.**
**Göleleriň ýatakda aýratyn özbaşdak saklanyşy**

## 2.2 Göleleriň gezim etdirilişi

Göleler 15-20 gün öýjagazlarda saklanandan soňra, olary günüň dowamynda howanyň maýyl wagtlary ilki 10-15 minut, soňra 30-40 minuta çenli açyk bassyrmalaryň aşagynda gezim etdirmeli.Gezimiň netijesinde göleleriň beýnisiniň ýarym şarlarynyň gabygynyň işleýşi gowulaşýar. Gölelerde az hereket (gipodinamiýa) netijesinde madda çalşyk peselýär. Agzalarda we dokumalarda kislorod

ýetmezçiliginiň alamatlary (miokardyň işemiýasy we distrofiýasy), osteodistrofiýa ýüze çykyp başlaýar, bedeniň uýgunlaşma we gorag funksiýalary peselýär. Olam bolsa göleleriň boý alyşyna we geljekki önümliligine täsir edýär.

Işjeň gezimiň uly gigienik ähmiýeti bardyr. Gezim döwründe şu aşakdaky amatlyklar has-da oňaýly täsir edýär:

- myşsa ulgamy işjeň ýagdaýda işleýär;
- gün radiýasiýasy, aýratyn hem, ultramelewşe şöhleler;
- howanyň kadaly düzümi we häsiýeti.

Bu toplumlaýyn täsirler dem alyş, iýmit siňdiriş, gan aýlanyş, köpeliş we beýleki ulgamlarynda ýerine ýetiriliş sazlaşygyny işjeňleşdirýär. Daşky gurşawyň üýtgäp durýan täsirleri (temperatura, çyglylyk, howanyň hereketi we beýlekiler) bedeniň uýgunlaşma ýagdaýyny türgenleşdirýär we işjeňleşdirýär.

Ýaş göleler tomsuna irden hem agşamlyk, gyş aýlary bolsa bir gezek gezdirilýär. Eger-de howa 15°C-dan pes bolsa, onda göleleri gezim etdirmäge çykarylmaýar. 6 aýlykdan uly ýaşly göleleri täze öwrenen bolsa bir sagada çenli, soňlugy bilen uly ýaşly mallar ýaly 3-4 sagada çenli gezim etdirilýär. Tohumçylyk hojalyklarda işjeň möçberlenen gezim gurnalýar.

Göleler bäş aýlyk ýaşa ýetende öküzçeler we tüweler bölünip aýratyn topar edilýär. Şol döwürde göleler jyns taýdan ýetişýärler. Şonuň üçin 18-20 aýlyk möhlete çenli aýratyn topar edilip saklanylýar.

## 2.3 Göle ýataklarynyň mikroklimaty

Göleleri dürli kesellerden gorap saklamak wajyp meseledir. Onuň üçin hojalyklarda toplumlaýyn sanitar-gigiýeniki we ýörite weterinar çäreleri amala aşyrmaly. Ilki bilen ýaş mallaryň saklanylýan ýerinde amatly şertler döredilmeli. 1-30 günlük göleleriň saklanylýan ýeriniň temperaturasy 17°C, çyglylygy 75% (40-75), howanyň here- keti gyşda 0,1 m/s, tomusda 0,3-0,5 m/s, geçiş döwründe 0,2 m/s bol- maly. 60-120 günlük göleleriň saklanýan ýeriniň temperaturasy 15°C, çyglylygy 75% (40-85), howanyň hereketi gyşda 0,2 m/s, tomusda 1 m/s-a çenli, geçiş döwründe 0,3 m/s bolmaly. 4-12 aýlyga çen- li göleleriň saklanýan ýeriniň temperaturasy 12°C, çyglylygy 75% (40-85), howanyň hereketi gyşda 0,3 m/s, tomusda 1,0-1,2 m/s-a çenli, geçiş döwründe 0,5 m/s

bolmaly.

Göle ýataklaryň mikroklimatynyň görkezijileri boýunça edilýän talaplar ýerine ýetirilmese, olaryň ösüşi we boý alyşy ýaramazlaşýar. Eger-de göle ýataklarynyň çyglylygy ýokarlansa, kesel dörediji mikroorganizmleriň ösmegi üçin şert döreýär. Şeýle-de köp mukdarda ammiak bölünip çykýar. Şonuň üçin göle ýataklaryny her 20 günden arassalap, ýuwup, dezinfeksiýa etmeli we günde guratmaly (ultramelewşe şöhleleriň täsirinde mikroorganizmler ölýär).

## 2.4 Umumy zoogigiýenik talaplar

Weterinar hünärmenler hemişe ot-iýmleri, suwy, nowalary, mikroklimatyň görkezijilerini, inwentarlary we beýleki hojalykda ulanylýan ähli zatlary gözegçilikde saklamaly. Ulanylýan ähli nowalary günde bir gezek ilki sowuk suw, soňra gaýnan suw bilen çaýkap, arassalap durmaly.

Göleleri emdirmek üçin ulanylýan bedreleri, gap-gaçlary we emzikleri ilki sowuk suw bilen, yzyndan gyzgyn aşgar ýa-da 2-3%-li sodaň ergini bilen ýuwmaly, gowy guratmaly we ulanyljak wagty gaýnan suw bilen çaýkap, soňra ulanmaly. Emzikleriň deşiginiň ölçegini gözegçilikde saklamaly.

Ýagny aşakdaky zoogigiýenik talaplar doly ýerine ýetirilmeli:

- göleleriň ýaşyny we diri agramyny göz öňüne tutup, toparçalar döredilmeli, göleler 8-10 baş aralykda saklanylmaly, her baş gölä 1,5 inedördül metr (kwadrat) hasabynda meýdan goýulmaly;
- ot – iýmleri paýlamak işleri we göle jaýlarynyň arassaçylygy tehnika ulanylman el usuly arkaly ýerine ýetirilmeli;
- göleler bir ýaşa ýetýänçä himiki ýa-da termiki usullarda sahlary ösmez ýaly edilmeli;
- gölelere berilýän suw otag temperaturasynda, açyk usulda awtomatik enjamda berilmeli;
- gölelerden toparçalar döredilende ýaşynyň tapawudy 2 aýdan uly ýa-da kiçi bolmaly däl, diri agramy 10% çäginde bolmaly.

# 3. TÄZE DOGLAN GÖLELERI IDETMEK

## 3.1 Täze doglan göle üçin esasy iýmit-owuz süýdüdir

Ýaş göleleri dogry ösdürip ýetişdirmek pudagyň girdejisini ýokarlandyrmagyň esasy şertleriniň biridir: ýaramaz idedilip göýdük galan mal köp önüm bermeýär, diri agramy pes bolýar. Göle bolandan soň aşagyna galyň arassa saman düşäp, ýalap daşyny guradar ýaly enesiniň öňünde goýulýar. Howa sowuk bolsa göle saklanýan jaý ýyladylýar. 40-60 minutyň dowamynda ol enesini emýär we 5-6 günüň içinde göle enesiniň ýanynda saklanyp, onuň owuz süýdüni doly emer ýaly etmeli. Owuz süýdüni köp emen göle sagdyn bolýar. Soňam, aýratynam birinji aýy gölä süýdi gysganmaly däl, sebäbi ol başda oty özleşdirmeýär. Süýdüň möçberi günde 4-4,5 kg ýetmeli. Ikinji aýy otugyp başlaýar we berilýän süýdüň mukdary 2,5-3 kg-dan az bolmaly däl, üçünji aýy 1,0-1,5 kg töweregi süýt içirilýär. Jemi 3 aýyň dowamynda her bir tüwe gölä 225 kg, öküzçä 250 kg süýt içirilse, olaryň 6 aýlykda diri agramy 90-100 kg, gowy seredilende 150-160 kg ýetýär. Owuz süýdünden soň göleleri el bilen (bedreden, ýörite emzikli polietilen çüýşeden-baklaşkadan) emdirilýär, süýdüň ýylylygy 36-37°C bolmaly. Sowuk süýt göleleriň içini geçirýär. Süýdi 1 aýlyga çenli günde 3 gezek, soň 2 gezek berilýär. Üçünji aýy gowy otugandan soň günde 1-2 gezek 15-20 günüň dowamynda 1,0-1,5 kg içirilip, soň kesilýär. Göle enesinden bolanyndan 1,0-1,5 sagat geçeninden soň oňa enesini emdirmeli. Gowşak, ýetmez dogan göleleri bir az gijiräk, 2-3 sagatdan soň emdirýärler. Soňra 7-10 günüň dowamynda her gije-gündizde göläni 4-5 gezek emdirmeli ýa-da owuz süýdüni sagyp bermeli. Süýdi 35-36°C ýylylykda içirmeli, sowuk süýt göläni iç geçme ýaly kesele sezewar edýär.

**Owuz süýdi** – täze bolan göle üçin ilkinji günlerinde ýeketäk, çalşyrylyp bolmajak iýmitdir. Eger-de göle owuz süýdüni içmese ýa-da ýetmez alsa, onda ol ösüşden yza galýar, her hili kesellere durnuksyz bolup, aňsat keselleýär we köplenç ýagdaýda heläk bolýar.Owuz süýdi gölänin içegelerini ilkinji tezekden -mekoniýadan arassalamaga ýardam edýär, başgaça aýdanyňda sürgi görnüşde hereket edýär. Owuz süýdi içýän döwri göläniň ilkinji 7-10 günlük ýaşyna çenli dowam edýär. Sagdyn bolan göle dünýä ineninden derrew işjeň he- reketler edýär, birinji 30-120 minutyň dowamynda aýaklaryna galýar we dogumly bökjekläp başlaýar, işdäsi oňat bolýar. Ýone ilkinji gün- lerinde günüň köp wagtyny (18-20 sagat) göleler

ýatyp geçirýärler.

1-3 günlük sagdyn gölелeriň bedeniniň gyzgynlygy 38,5-39,3°C aralygynda bolýar, 1 minutda pulsynyň uruş tizligi 50-80 gezek, dem alyş hereketi 12-30 gezek.Göle enesinden bolanda daşky gurşawyň täsirine goragsyz bolýar. Şol sebäpli göläniň ömrüniň ilkinji sagatlary we günleri esasy maksat-ony her hili kesel getiriji mikroblardan we sowuklamadan goramakdyr. Belli boluşy ýaly, göle bolanda hiç hili ýörite gorag antitelalary (kesellere garşy durujy bedenjikler) bolmaýar, olary diňe enesiniň owuz süýdi bilen alýar. Antitelalar aýratyn hem owuz süýdüniň birinji porsiýalarynda köp bolýar. Şol sebäpli ony gölä bolanyndan 1-1,5 sagatdan gijä galman hökman bermeli.



**3-nji surat. ýaş göleleriň emeli usulda emdirilişi**

“Altyn halka” kärhanasynyň maldarçylyk toplumynda täze bolan göläni birinji güni öz enesiniň ýanynda saklap enesini emer ýaly mümkinçilik döredýärler. Soňra ýaşdaş gölelerden özbaşyna topar döredip, olary birinji 10 gün diňe owuz süýdüni berýärler. 10 günden soň hakyky süýt berip ösdürýärler. Gölä 2-3-nji gününden başlap enesiniň 3,5-4,0 litr ýyladylan (36°C) owuz süýdüni günde 3 wagtyna içirýärler. Ilkinji on günlüginden başlap her gölä 5-6 litr ýyladylan süýt berýärler. Bäşinji on günlükden olaryň süýt kadasyny azaldyp başlaýarlar. Owuz süýdi belok, ýag, uglewodlar, witaminler,

fermentler we mineral maddalar ýaly zerur ýokumly maddalara baýdyr. Esasan hem gölede immun-gorag ulgamynyň ösmegine ýardam berýän gamma-globulin belogy bardyr. Hakyky süýde garanyňda owuz süýdünde gury ýokumly maddalar köp bolýar. Mysal üçin, owuz süýdünde beloklar 4-5 esse köp. Owuz süýdünde globulin diýilýän belok kän. Onuň düzüminde göleleri kesellerden goraýan antitelalar bar. Owuz süýdünde mineral maddalar 1,5-2 esse we “A” we “D” witaminler 5 esse köpdir.Owuz süýdi özüniň gymmatly häsiýetini 5-6, seýrek 10 günüň dowamynda saklaýar. Soňra onyň düzümi üýtgeýär we owuz süýdi hakyky süýde öwrülýär, onyň siňijilik hili owuz süýdünden pesdir. Şol sebäpli ýaşynyň 5-7-nji gününden başlap göleleri hökman mineral maddalar we witaminler bilen goşmaça iýmitlendirmeli. Goşmaça mineral maddalara 15 g üwelen hekiň, 10 g süňk ununyň we 5 g nahar duzunyň garyndysy degişlidir. Bu bolsa bir gölä bir günde kada bolup hyzmat edýär. Goşmaça mineral goşundylar aýratyn iým nowasynda gury görnüşinde berilmelidir.

Owuz süýdüniň düzümi we häsiýeti gün-günden üýtgeýär. Meselem, sygyr göleläninden soň birinji günlerinde 1 litr owuz süýdünde gury maddalaryň mukdary 250-300 g bolsa, 4-5 günden soň olaryň mukdary eýýam 100-200 g çenli azalýar, bir hepdeden soň bolsa ol hakyky süýde öwrülýär.

Göläniň göbegi gurap gaçýança oňa „täze bolan”diýip aýdýarlar. Gölä 2-3-nji gününden başlap enesiniň 3,5-4 litr owuz süýdi emdirilýär. Iň gowysy täze gölelän sygyry aýratyn ýerde ýa-da özbaşyna agyla salyp, 10-15 günläp gölesi bilen bilelikde saklamaly. Göle islän wagty enesini emýär we owuz süýdüni doly alýar. Göle köp süýt içip aşa düşer diýip çekinmeli däl, sebäbi göle özüne geregini içer, artykmaç zat içmez. Owuz süýdüniň doly kadasyny içen göle ýaşynyň hemme döwründe oňat ösýär we iç geçme keselleri bilen az keselleýär.

Gölä zorlap owuz süýdüni köp içirmeli (emdirmeli) däldir, sebäbi ol aşgazanyň kadaly işlemegine päsgel berýär. Aşgazanyň kadaly işlemegi üçin gölä gaýnadylan ýyly suw içirmeli, 10-15 günlükden başlap bolsa arassa çig suw bermeli. Ilkinji üç hepdäniň dowamynda göle bir günde takmynan 500-700 g suw içýär. Wagtynda hem geregi- ne içilen suw ot-iýmiň çalt siňmegine ýardam berýär. Käwagtlar her hili sebäplere görä täze gölelän sygryň owuz süýdüni

gölä içirmek bolanok. Emma täze bolan gölänem owuz süýdünden mahrum etmek bolmaz. Şonuň üçin hem gölä başga bir täze gölelän sagat syrgyň owuz süýdüni sagyp içirmeli ýa-da şol sygyra berkitmeli. Eger-de gölä owuz süýdi elden berilse onda ony emzikli süýt içirilýänden (poilkadan) içirilse oňat bolýar. Bu usul gigiýena we fiziologiýa tarapdan dogry hasaplanýar, sebäbi uly owurtlap içilen süýt gyzylödek joýajygyndan akyp uly we tor garynlara düşýär, ýagny garnyň entäk işlemeýän böleklerine düşýär. Tor we uly garynlarda süýt çüýreýär, iýmit siňdirişiň bozulmagyna we iç geçme keseline getirýär. Biziň maslahatymyz boýunça göle ilkinji owuz süýdüni gönüden-göni sygryň ýelninden özi emip almalydyr. Emdirilende süýt göläniň garnyna az owurtlardan düşýär, ol hem bolsa garyn-içege keselleriniň ýüze çykmagyny azaldýar.

## 3.2 Owuz süýdi bolmadyk ýagdaýynda ulanylýan iýmitler

Eger-de gölelere bermäge owuz süýdi bolmasa, onda ony emeli usulda ýasap bermeli. Onuň üçin gaýnadylan suwy 40-50 gradusa çenli sowadyp, 1 litr suwa arassa 10 gram nahar duzuny goşmaly we 2 sany arassa elin towuk ýumurtgasyny çakyp, gowy garmaly. Taýýarlanan erginden 1 kg diri agrama 10 ml mukdarda günüň dowamynda 4 gezek içirmeli. Ýarym sagat geçenden soňra 1kg diri agrama 20-50 ml mukdarda başga sygryň süýdüni sagylan dessine sowatman içirmeli. 6-gün geçenden soňra göleleri günüň dowamynda 3 gezek iýmitlendirmeli.

Göleleri 1,5- 2 aýlygyna çenli doly süýt, 4-5 aýlygynda ýagy alnan süýt bilen iýmitlendirmeli. Göleleri 11-günlüginden ýumşak otlara (senaž), 15- günlüginden konsentrirlenen iýmlere öwredip başlamaly. Umuman, göleler bilen 6-aýlygyna ýetýänçä ýakyn gatnaşykda bolmaly. Göleleriň kadaly ösmegi üçin möhüm şertleriň ýene-de biri arassa içimlik suw bilen üpjün etmek bolup durýar. Bu ýönekeý düzgüni ünsden düşürilmeli däldir.

Göleler owuz süýdüni ýa-da süýdi kabul edenden 20-minutdan soňra teşnelik ýüze çykyp başlaýar. Şonuň üçin süýt berlenden soňra 0,5-1 sagatdan suw bermeli. Doglandan 7 güne çenli gaýnadylyp, 15-20 gradus temperaturada arassa emzik arkaly bermeli. Soňlugy bilen gölelere suwy otag temperaturasynda bermek maslahat berilýär. Sebäbi ýaşaýşynyň ilkinji günleri suw biohimiki prosesleriň kadaly geçmegi üçin we uly garnyň mikroflorasynyň emele gelmegi üçin

möhümdir. Täze doglan gölelere suwy agramyna baglylykda 0,5-1 litr möçberde bermeli. Ýokary önüm berýän sygyrlardan alnan göleler günüň dowamynda 4-7 litr suw talap edýär.

Gölelere 1-20 günlük ýaşda asidofil goýy gatyk bilen iýmitlendirilse has-da peýdalydyr. Ol iýmit siňdirişi boýunça mikroflorany gowulandyrýar, aşgazanyň sekresiýasyny we motorikasyny gowulaşdyrýar. Ýaş göleleriň ösüşini gowulandyrýar we aşgazan-içege keselleriniň öňüni alýar. Goýy asidofil gatygynyň kadasy aşakdaky tablisada berilýär.

*3-nji tablisa*

**Goýy asidofil gatygynyň berilmeli kadasy**

| ýaşy, günde | Berliş möçberi, g |
|---|---|
| 1 | 50 |
| 2 | 100 |
| 3 | 150 |
| 4 | 200 |
| 5 | 300 |
| 6 | 400 |
| 7 | 500 |
| 8 | 500 |
| 9-10 | 600 |
| 11-14 | 700 |
| 15-17 | 800 |
| 18-20 | 900 |

## 3.3 Gölä bedreden süýt içmekligi öwretmek

Üç hepdelik ýaşy dolanda gölä süýdi bedreden içirmeklik bolar. Gölä bedreden süýt içmekligi öwretmek üçin ony iki dyzyň arasynda gysyp saklap, seresaplyk bilen onuň agzyna süýtli bedräni ýakynlaşdyrýarlar we süýde batyrylan barmaklary sordurýarlar. Göle süýde agzyny ýetirip sorup başlanyndan barmaklary derrew aýyrmaly, ýogsam ol “barmakly” süýde öwrendikli bolar. Göle özbaşdak içip öwrenýänçä bu işi bir näçe gezek gaýtalamaly bolýar. 3-4 günde günüň dowamynda belli wagt aralygynda gölä 3-4 gezek süýt içirýärler. Soňra 2 gezek, sygyrlaryň sagym wagtynda. Bu bolsa

gölä diňe täze sagylan, entäk sowap ýetişmedik süýt içirmäge mümkinçilik döredýär.

Göläni ilkinji gününden başlap durnukly iýmlemek tertibine öwrenişdirmek örän zerurdyr. Gölelerde birinji günden başlap töwerekdäki gurşawa uýgunlaşmaga ýardam berýän durnukly “wagt endigi (refleksi)” döreýär. Şonuň üçin iýmlemegiň wagtyndan gijä galmagy malyň aç bolmagyna, ot-iými nebsewürlikli iýmegine getirýär, ol hem bolsa aşgazanyň işleýşiniň bozulmagyna alyp barýar.



**4-nji surat.**
**Ýaş göleleriň toplum şertinde plastiki öýjagazda saklanyşy**

Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň “Altyn Halka” hojalygynda gölelere ilkinji 2 hepdäniň içinde günde 3 gezek, soňra 15 günlük ýaşyndan başlap günde 2 wagtyna süýt berýärler. Şol wagtyň özünde hem olara arassa suwa we beýleki ot-iýmlere (bugdaý kepegi, arassa ýorunja bedesi) erkin barmaklyk üpjün edilýär.Her gezek süýt berlenden soň süýt gaplaryny oňat edip ýuwmaly.

Sebäbi hapa gaplar – garyn-içege keselleriniň esasy çeşmesidir.

### 3.4 Gölä suw içmekligi öwretmek

Göläniň bedeninde fiziologik bolup geçýän işleriň sazlaşykly bolmagy üçin suwuň ähmiýeti örän uludyr. Owuz süýdünde we

süýtde 75-90% çenli suwuň bolmagyna garamazdan göläniň bedeni suwa örän mätäçdir, sebäbi süýtdäki suw beloklar we beýleki maddalar bilen baglanyşykly bolýar we bedeniň talabyny ödäp bilmeýär.

Bedenden deriň, täretiň üsti bilen köp mukdarda suw çykarylýar, aýratyn hem täze bolan gölelerde. Böwregiň we der mäzleriniň üsti bilen zyýanly we gerekmejek önümleri çykarmak üçin göläniň bedenine hökman suw gerek. Suw içmeýän ýa-da ony az mukdarda alýan göleler gowşak, az hereketli bolýar, ösüşi haýallaýar we togtap hem bilýär.

Uzak wagtlap suw içmedik göle heläkçilige sezewar bolup biler. Ýaşynyň 4-5-nji gününden başlap gölä suw berip başlamaly. Içirmek üçin gaýnag, 18-20°C çenli sowadylan suw ulanylýar. Suwy iki gezek, süýt emdirmegiň aralygynda berilýär (emdirilenden 1-2 sagat soň), bir gezekde 300-400 ml. Ýaşynyň 10-njy gününden başlap ýuwaş-ýuwaşdan adaty içilýän suwa geçmeklik bolýar. Içirmek üçin suwuň ýylylygy 12°C-den pes bolmaly däl. Göle tarapyndan öz wagtyna gerekli mukdarda içilen suw ot-iýmiň ýokumly maddalarynyň çalt siňmegini üpjün edýär. Bellemek gerek, ýagny ýaş mallar ot-iýmiň ýetmezçiligine garanyňda suwuň ýetmezçiligini erbet geçirýärler. Sebäbi göläniň bedeniniň düzüminde 75%-e çenli suw bolýar. Mallar aç saklananda 40%-e çenli diri agramyny ýitirende hem çydap bilýär, emma suwsuz bolanda eýýäm agramynyň 10%-ni ýitirse onuň saglygy ýaramazlaşýar, eger-de suwsuzlykdan agramynyň 22%-ni ýitirse heläkçilige sezewar bolýarlar.

## 3.5 Gölä ot-iýmleri iýmegi öwretmek

7-10 gün ýaşyndan gölelere iri baldakly otlary iýmekligi öwredip başlamaly. Onuň üçin köp bolmadyk (200-300 g) oňat hilli bedäni göleleriň durýan agylynyň (kletkasynyň) bir çüňkine asýarlar ýa-da nowasyna atýarlar. Bede bu döwürde iým bolup hyzmat edenok, şol wagt hem garnyň beýleki bölümleriniň (uly, tor we kyrk garynlary) ösmegine ýardam edýär. Göle otlary çeýnäp başlanynda (gäwişäp) onuň uly, tor we kyrk garynlary işläp başlaýarlar. Şonuň üçin iri baldakly otlary iýmäni näçe ir wagtda öwrenseler, sonça-da hojalyk

nukdaýnazaryndan uly ähmiýeti bar. Sagdyn göleleriň ilkinji gäwişemeleri 8-14 günlük ýaşynda görünip başlaýar.

Gäwişemeklik – bu, tor garyndan agyz boşlugyna gaýdyp gelen ot-iými gaýtadan çeýnemek. Sagdyn malda bir gije-gündiziň dowamynda 6-8 gezek gäwişemek gaýtalanýar we ol 30-60 minut dowam edýär. Keselli malyň aýratyn hem aşgazany zaýalananda, gäwiş çalyşy gowşak we seýrek bolýar ýa-da düýbünden bolmaýar. Şireli otlary iýmekligi gölelere 2-3 hepdelik ýaşyndan öwredýärler. Gölelere konsentrat (däneli) iýmleri 3 hepdelik ýaşyndan soň berip başlaýarlar. Adaty däneli iýmlere öwretmek kyn düşmeýär: az-owlak nowasyna guýsaň tumşujagyny ýetirseň ol uny ýalap iýip başlaýar. Göle üçin oňat däneli iýmlere arpa uny, şeýle hem bugdaý kepegi hasaplanylýar.

Ýaş gölä beriljek ot-iýmler hökman oňat hilli bolmaly, ýogsam agyr keselleriň bolmagy mümkin.

## 4. GÖLELERE 6 AÝLYK ÝAŞA ÇENLI IDEG ETMEK

Ýaş göleleri oňat ösdürip ýetişdirmegiň esasy şertleriniň biri olary dogry we oňat taýynlanan ot-iýmler bilen iýmitlendirmekdir. Ýaşynyň ilkinji aýlarynda göleleriň has ýokary ösüş ukyby bolýar, şonuň üçin ony köp we islendikçe iýmitlendirmeli, berlen ot-iýmleriň doly iýilmegini gazanmaly. Berilýän ot-iýmleriň hiline gözegçilik etmeli. Şeýle hem süýt we suw içilýän gaplaryň, nowalaryň, ýataklaryň arassalygyna seretmeli, ot-iýmiň zaýalanmagyna ýol bermeli däl.

Kähalatlarda eneke sygyrlarynda emdirilip göle ýetişdirýärler, emma bu usulda göle kada boýunça süýt emip bilmeýär we ösüşden galýar. Alty aýlyga çenli göleler ýörite kada boýunça iýmitlendirilýär. Olara görkezilen döwürde, esasan, ýorunja, meýdan otunyň bedesi, gök, konsentrat iýmleri (kepek, arpa ýarmasy, kombikorm we ş.m) berilýar. Silos ikinji aýyndan başlap öwredilip, üçünji aýy günde 1 kg ýetirilýar.

Hödürlenýän kadalar öň kabul edilenlerden ýagy alynan süýdüň we köki miwelileriň (şugundyr) goşulmaýanlygy bilen tapawutlanýar, ýöne ot-iým birliginiň mukdary boýunça olar deňleşdirildi.Ýaş göleleri otukdyrmaklyk gowy hilli bede, azrak kepek, kombikorm

bermekden başlanýar. Gök ýorunjany gowy süllerdip berilse, dogry bolýar, gök otdan, hasam baslygyp gyzan görnüşinde berilse aýratynam 1-2 aýlyk gölelerde iç geçme keseli ýüze çykmagy ähtimal. Süllerdilen ýagdaýynda ol gyzmaýar we zaýalanmaýar 5-6 aýlykdan soň tüweleriň rasionynyň düzümi sagylýan sygyrlaryňka golaý bolmaly, olaryň aşgazan-içege agzalary gowy ösüp, irimçik we şireli otlary köp mukdarda özleşdirmäge taýýarlanmaly. Olaryň rasionynyň 45-55% silos, gök ot, 28-30% bede, saman, senaž, 25-30% konsentrat iýmleri bolmaly.

*4-nji tablisa*

**Göleleri iýmitlendirmegiň çyzgydy**

| **ýaşy** | | **Döwrüň soňunda diriagramy, kg** | **Bir gije-gündizde bermeli, kg** | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Aý** | **On günlük** | | **Süýt** | **Bede** | **Silos,gök ot** | **Kepek** | **Arpa uny** | **Duz, g** |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** | **9** |
| I | 1-nji | | 4 | öwret-mek | öwret-mek | - | - | - |
| | 2-nji | | 5 | | | 0,1 | - | 5 |
| | 3-nji | 52 | 5 | - | - | 0,3 | - | 5 |
| **1-nji aýyň jemi:** | | | 140 | - | - | 4,0 | - | 100 |
| II | 4-nji | | 5 | 0,3 | 0,3 | 0,4 | 0,2 | 10 |
| | 5-nji | | 3 | 0,5 | 0,3 | 0,5 | 0,3 | 10 |
| | 6-njy | 73 | 3 | 0,5 | 0,5 | 0,6 | 0,5 | 10 |
| **2-nji aýyň jemi:** | | | 110 | 13,0 | 11,0 | 15,0 | 10,0 | 300 |
| III | 7-nji | | 2 | 0,8 | 1,0 | 0,7 | 0,6 | 10 |
| | 8-nji | | 1 | 1,0 | 1,0 | 0,8 | 0,7 | 10 |
| | 9-njy | 95 | - | 1,5 | 1,5 | 1,0 | 1,0 | 10 |
| **3-nji aýyň jemi:** | | | 30 | 33,0 | 35,0 | 25,0 | 23,0 | 300 |
| IV | 10-njy | | | 1,5 | 2,0 | 1,5 | 1,0 | 15 |
| | 11-nji | | | 1,5 | 2,5 | 1,5 | 1,0 | 15 |
| | 12-nji | 155 | | 1,5 | 3,0 | 1,5 | 1,0 | 15 |
| **4-nji aýyň jemi:** | | | | 45,0 | 75,0 | 45,0 | 30,0 | 450 |
| V | 13-nji | | | 2,5 | 4,0 | 1,5 | 1,0 | 20 |
| | 14-nji | | | 2,5 | 5,0 | 1,5 | 1,0 | 20 |
| | 15-nji | 136 | | 3,0 | 6,0 | 1,5 | 1,0 | 20 |
| **5-nji aýyň jemi:** | | | | 80,0 | 150,0 | 45,0 | 30,0 | 600 |
| VI | 16-njy | | | 3,5 | 5,0 | 1,5 | 1,0 | 20 |
| | 17-nji | | | 4,0 | 6,0 | 1,5 | 1,0 | 20 |
| | 18-nji | 160 | | 4,5 | 7,0 | 1,5 | 1,0 | 20 |
| **6-njy aýyň jemi:** | | | | 120,0 | 180,0 | 45,0 | 30,0 | 600 |
| Jemi 6 aýda: | | | 280,0 | 291,0 | 451,0 | 179,0 | 123,0 | 2350 |

Rasionda görkezilen otlaryň hojalykda bolmadyk ýagdaýynda, olary hümmetine (ot-iým birliginiň mukdaryna) baglylykda bar bolan otlar bilen çalşyrylýar. Berilýän ot-iýmler kerçeýjiler bilen gowy owradyp garylyp berilse, olaryň hümmeti ýokarlanýar we mallar işdämen iýýärler.

Boýunyň ösdügiçe we agramynyň ýokarlandygyça gölelere her hili möçberde ot-iýmler gerek bolýar. Hususy mal saklaýan hususyýetçileriň ulanmagy üçin göleleri iýmitlendirmegiň kadasyny we çyzgydyny hödürleýäris (*4-nji tabl.*). 6 aýlyk ýaşynda diri agramy 140-160 kg. bolan göleleri almak üçin olara şunuň ýaly möçberde ot-iým bermeli: süýt 260-280 kg, konsentratlar 280-300 kg, bede 270-290 kg, gök we şireli otlar 450-460 kg. Öküzçeler bol, tüwejikleri bolsa aram iýmitlendirmeli, sebäbi biziň geçiren ylmy-önümçilik işlerimiziň görkezişi ýaly, tüweler bol elin iýmitlendirilip gününe 1 kg-dan ýokary agram alyp ösdürilende, mallar semreýärler, buga gelmesi kynlaşýar, göleläninden soň bolsa az möçberde süýt berýärler. Tüweleriň bir gije-gündizde artan agramy ortaça 650-700 g bolmaly. Öküzçeleri, tersine, bol iýmitlendirmeli. Ýaşynyň birinji aýlarynda gündelik artan agramy näçe köp boldugyça, sonça-da olardan alynan etiň hili oňat bolýar. Beýleki tarapdan aýdanymyzda – süýdi çenden aşa köp bermeklige kowalaşmaly däl, sebäbi süýt köp berlende uly, tor we kyrk garynlar ösmeýärler, ol hem bolsa soňra mallaryň iri baldakly, şireli we gök otlary netijeli özleşdirmek ukybyny peseldýärler.

Ýokarda getirilen iýmitlendirmegiň çyzgydy we kadalary, hakykatdan, hususy mal saklaýjylaryň mümkinçiligini doly göz öňünde tutup bilmeýär. Mysal üçin, şireli otlara silos, kartoşka, kelem we başgalar girip biler. Berilýän otlaryň görnüşi dürli-dürli boldugyça, şonça-da olaryň göleler tarapyndan ulanylyşy ýokary bolýar. Emma bir görnüşli oty başga görnüşli ot bilen çalşyrylanda ýokarda getirilen ot-iýmleriň umumy mukdary üýtgemeli däl. Şu getirilen ot-iým rasionynda çalşyrylyp bolmaýan ot-iýmlere süýt, konsentratlar, bede girip biler. Iýmitlendirmegiň tertibini ýa-da bir oty başga bir ot bilen çalyşmagy kem-kemden geçirmeli.

Ýaş gölelere ot iýmäni öwretmeklik gowy hilli bede, azrak

kepek, arpa ununy bermekden başlanýar. Gök ýorunjany oňat süllerdip bermeli. Süýtden kesilen göleleri 8-10 baş edip topar düzýärler we bir agylda saklamaly. Gölelere 3 aýlyk ýaşyna çenli künjara, sarun, şulha berilmeýär, sebäbi olaryň düzüminde gossipol diýen zäherli madda bar, ol bolsa göleleriň kesellemegine getirip biler.

## 5. ÝAŞ GÖLELERIŇ SUWA BOLAN TALAPLARY

### 5.1. Ýaş gölelerde suw ýetmezçiligi we artykmaçlygy

Suw beden üçin zerur bolan esasy biologik suwuklykdyr. Suw mallaryň bedenine suwa ýakma, iým bilen we az-kem bölekleýin öýjük içi organiki maddalaryň dargamagynyň hasabyna düşýär. Suw tutuş bedende bolup geçýän madda çalşyga gatnaşýar we ol köp taraplaýyn esasy eredijidir. Madda çalşygy netijesinde emele gelen beden üçin zyýanly dürli maddalary suw bilen daşa çykarýar.

Ýaş göleler suw ýetmezçiligine örän duýgurdyrlar. Bedeniň 10 göterim suwy ýitirilende ýürek gowşamalary ýüze çykýar, ýürek urgusy tizleşýär, bedeniň gyzgynlygy göterilýär, iýmit şireleriniň bölünip çykyşy azalýar, myşsalary we nemli bardalary titreýär. Göleler açlygy suwsuzlyga seredeniňde ýeňil geçirýär. Suw ýetmezçiliginde malyň bedende köp fiziologik funksiýalar bozulýar. Madda çalşyk bozulýar, okislenme prosesleri aşaklaýar, agzalarda we dokumalarda suw çekilip, bedeniň zäherlenmesi has-da artýar.




**5-nji surat. ýaş göleleriň suwa bolan talaby**

Suw artykmaçlygy hem beden üçin örän howpludyr. Bedende suwuň artykmaçlygy elektrolitleriň doly dargap, öýjükleriň ölmegine getirýär. Gan basyşy ýokarlanýar. Ot-iým bilen düşen ýokumly maddalaryň özleşmesi aşaklaýar.

Ulanylýan suwuň mukdary göleleriň ýaşyna, önümçilik, iýmitlendiriş häsiýetine, daşky gurşawyň temperaturasyna we beýleki faktorlara baglydyr. Iýmitiň bir kilogram gury maddasyna ortaça 4-6 litr suw sarp edilýär. Göleler howanyň gurak yssysynda suwy has-da köp talap edýär. Göleleri ýekelikde we köpçülikleýin suwa ýakmak üçin suw nowalary ulanylýar. Göleleri suwa ýakmagyň iň optimal (amatly) ýagdaýy arakesmesiz awtomat ýagdaýda bermekdir. Täze doglan gölelere gaýnadylan ýyly suwy uly garna düşmez ýaly emzigiň kömegi bilen bermeli.Ýaşy iki hepdelikden geçenden soňra çig suw bermek maslahat berilýär. Ýaş göleleriň suwa bolan talaby diri agramynyň 10%-ne deň bolýar.

Gölelere suw berilýän nowalary döwürleýin arassalap, 1 göterimli hloruň, hloraminiň we beýleki erginler bilen dezinfissirlemeli we soňundan arassa suw bilen ýuwmaly. Göleler suwa ýakylanda suw çeşmelerine hapa zatlaryň düşmezligini, köpçülikleýin ýokanç we parazitar keselleri döredijileriniň suwa düşüp, ýaýramazlygyny, şeýlede, mallary köpçülikleýin zäherleýän himiki maddalaryň (dökünler, senagat önümleri), radioaktiw maddalaryň, maldarçylyk fermalaryndan we beýleki obýektlerden akýan suwlaryň düşmezligini hökman üpjün etmeli.

## 5.2 Gölelere berilýän suwlaryň fiziki-himiki häsiýetlerine bildirilýän talaplar

Içimlik suw hökman epidemiki we epizootiki taýdan howpsuz bolmaly. Ol gowy organoleptiki häsiýetlere eýe bolmaly. Gölelere beriljek suw dury, reňksiz, yssyz bolup, ýakymsyz tagam suwda bolmaly däldir. Suw mikroorganizmlerden we gelmintleriň tohumyndan arassa bolmalydyr. Mallara beriljek suw organoleptik häsiýetleri, himiki düzümi, fiziki, toksikologik we epizoootik häsiýetleri boýunça barlanyp durulmaly. Suwuň fiziki häsiýetlerini gowulandyrmak maksady bilen ýörite suw saklanýan gaplar we süzüji filtrler ulanylýar. Sanitar gatnaşyklary boýunça zyýansyzlandyrmak üçin suwy gaýnatmaly ýa-da oňa hloruň 1%-li erginini goşmaly. Işjeň hloruň dozasy suwuň hapalyk derejesi boýunça kesgitlenilýär. Onuň dozasy 0,5-5 mg/l we onuň suwa täsiri 15 minutdan 2 sagada ýetýär. Içilýän suwuň hili, onuň fiziki häsiýetleri we himiki düzümi gölelerde käbir ýokanç däl keselleriň ýüze çykmagyna sebäp bolup biler. Ol suwuň düzüminde mikroelementleriň ýodyň, ftoruň, myşýagyň, gurşunyň, molibdeniň we beýlekileriň aşa köp ýa-da az bolmagy bilen baglydyr.

Suwuň reňki düzümindäki demriň, okisiniň, toýunyň we hekiň garyndylarynyň mukdaryna bagly bolýar. Eger-de, suwda goňur-sary tegmiller bar bolsa, onda ol suwuň düzüminde dargan organiki maddalaryň, ulanylan suwuň, tezegiň we peşewiň barlygyna şaýatlyk edýär.

60°C çenli gyzdyryp, suwuň ysyny kesgitlemeli. Suwuň ysyna baha berlende köp duran suwda çüýräp, zaýalanan zadyň ysyna meňzeş ysynyň barlygyny ýatdan çykarmaly däl. Käbir halatlarda organiki maddalaryň çüýremegi netijesinde ýa-da suwa ulanylan suwlaryň goşulmagy onda kükürtwodorodyň we ammiagyň ysyny döredýär. Bu esasan hem içilýän suwlar üçin örän howply bolup, ony (ysy) tiz ýok etmekligi talap edýär.

Içilýän suwuň tagamy onuň düzümindäki duzlaryň mukdaryna bagly bolýar. Gowy hilli suwuň ýakymly tagamy bar. Käbir halatlarda hlorly natriniň ýa-da kaliniň erän duzlarynyň suwuň düzüminde köp

mukdarda saklamagy mümkin. Olar suwa turşumtyk tagam berýär. Suwda magniniň duzlarynyň köp bolmagy oňa ajymtyk tagam berýär. Demriň zakisi, kükürt turşy mis, margensiň duzlary suwda ýakymsyz turşy tagam döredýär. Munuň ýaly suw sanitariýa taýdan örän şübheli we gölelere bermäge ýaramsyz hasaplanylýar.

Suwuň himiki düzümi onuň alynýan we akýan ýeriniň topragyna bagly bolýar. Suwuň elmydama alynýan ýerinde (derýada, guýyda, çeşmede) onuň himiki düzümi az üýtgeýär. Adaty ýagdaýda suwuň düzüminde ähli suwa mahsus bolan himiki maddalar, ýagny, mikro we makroelementler saklanýar. Ýöne, standartyň (ülňiň) adatyna baglylykda içilýän suwda adaty ýagdaýda örän seýrek gabat gelýän we şol sanda adamyň we malyň saglygyna howp salýan himiki elementleriň we maddalaryň mukdary kadalaşdyrylmaly.

Şor toprakly ýerlerde hloridleriň mukdary köp bolýar. Ol suwa organiki maddalardan emele gelen hloridler goşulanda köp bolýar. Olar ýokary bolan ýagdaýynda göläň bedenine zyýanly täsir edip bilýär. Eger, şor däl ýerlerde suwuň düzüminde hloridler köp bolsa, onda ol suw mallaryň saglygyna howp döredýär.

Eger suwda sulfatlar (kükürt kislotasynyň duzlary) köp bolsa olar suwa ajymtyk tagam berýär. Aşgazanyň suwuklyk bölüp çykaryjy işjeňligine we iýmitiň sorulmak hadysasyna ters täsir edýär. Tebigy suwuň ählisiniň düzüminde diýen ýaly demir gabat gelýär. Onuň ýokary konsentrasiýasy suwuň himiki düzümini, reňkini we tagamyny üýtgedýär.

Suwda kalsiniň we magniniň duzlarynyň mukdarynyň köp bolmagy (talh), onuň organoleptiki häsiýetine we taýýarlanylýan iýmitiň (naharyň) tagamyna ters täsir edýär. Onuň ýaly suw ulanylanda aşgazan-içege we iýmit siňdiriş ýollarynyň işi bozulýar.

# 6. ÝAŞ GÖLELERIŇ DERI ÖRTÜGINE EDILÝÄN IDEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

## 6.1 Ýaş göleleriň deri örtügine edilýän ideginiň ähmiýeti

Deri – bu mallaryň daşky örtügi bolup, ol bedeni daşky gurşawyň ähli täsirlerinden we infeksiýalaryň düşmeginden goraýar. Köp

mikroblar deri örtüginiň bütewiligi bozulmasa bedene girip bilmeýär. Emma käbir ýagdaýlarda köp mikroblar der we ýag mäzleriniň akarlarynyň üsti bilen bedene aralaşyp bilýär. Deri özünden çygy, gazlary, mineral duzlary, zyýanly maddalary dargadýan köp görnüşli fermentleri, kesel döredìji mikroorganizmleri öldüriji täsir edýän sekretleri we antiseptiki täsir edýän ýaglary bölüp çykarýar. Olaryň bakteriosit täsiri deriň turşulygy bilen baglydyr. Deriniň reaksiýasy turşy gurşaw (pH 3-6). Köp mikroorganizmler gowşak aşgar gurşawda gowy ösýär. Deri kadaly ýagdaýda işlese mallaryň saglygy şonça-da gowy we kesellere durnukly bolýar. Derä seretmegiň esasy usullary arassalamak, ýuwmak, suwa düşürmek, tüý örtügini syrmak we deriň üstüni ýapmak bolup durýar. Derä ideg edilip, epidermis (deriniň ýüzlügi) ölen öýjüklerden, der bölünip çykmalaryndan, tozanlardan, hapalardan, mikroorganizmlerden we beýlekilerden arassalanýar. Hapalar deride köp wagtlap saklanýar, gasynlary, ýygyrtlary emele getirýär. Netijede şol ýerlerde saprofitler, iriň döredìji we patogen mikroorganizmler ýaşamak üçin gurşaw döreýär. 1 sm kwadrat meýdanda deride ýüz million mikrob bedenjikleriniň ýaşaýanlygy kesgitlenildi. Ol bolsa deriniň bütewiliginiň bozulmagyna eltip, gana aralaşmaga mümkinçilik berýär we dürli görnüşli keselleriň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Der we ýag mäzleriniň akarlarynyň dykylmagy netijesinde gyjyndyrma ýüze çykýar. Gijilewük döreýär, deriniň madda alyş-çalyş we ýylylyk sazlaýyş boýunça ýerine ýetirýän işleri bozulýar. Deri özünde ep-esli mukdarda (sygyrlarda 68%-e çenli) suw we mineral duzlar saklaýar. Birleşdiriji dokuma suwuň erkin we kolloid baglanyşyklarynyň öz aralaryndaky gatnaşyklaryny sazlaýar. Pes derejede ideg edilende deride mugthorlar (bit, büre, gijilewük döredýän sakyrtgalar we beýlekiler) ýygnanýar, köpelýär, ekzemalar we beýleki deri keselleri ýüze çykýar.

## 6.2 Ýaş göleleriň deri örtügine ideg etmegiň usullary

Deri mugthorlarynyň öňüni almak üçin mallaryň derisini her günde arassalap durmaly. Adatça, irden ot-iým berilmezden öň arassalansa has-da netijeli bolýar. Ir bilen ilki mal ýataklaryň derwezesini, wentilýasion kanallaryny açmaly, emma şemallatma

bolmaly däl. Ýaş gölelerde, sygyrlarda deri elde gysga, berk atyň tüý örtüginden ýasalan ýa-da dürli görnüşli sintetik materiallardan ýasalan çotgalar bilen arassalanýar. Gaty, dişli daraklar, bilen tüý örtügini arassalamaly däl. Ol derini gyjyndyrýar, bütewiligini bozýar, ýyrtýar we maly artykmaç ynjalyksyz ýagdaýa eltýär.

Hojalyklarda mallaryň derisini arassalamak we derä ideg etmek üçin ýörite bir adam berkidilse has-da oňat netije berýär. Arassalamak üçin ulanylýan enjamlar ýörite şkaflarda saklanylmaly we ulanylandan soňra gyzgyn aşgar ergini ýa-da kreolin bilen dezinfeksiýa geçirilýär. Mallaryň ilki çep tarapyny kellesini, boýnuny, öň aýagyny, göwresini, sagrysyny we yz aýagyny, soňra şol yzygiderlikde sag tarapyny arassalamaly. Çotga bilen 3-4 gezek geçmeli. Çotgany çep elde, ilki tüýüň ugruna, soňra garşysyna işletmeli. Soňra çotgany, gopan epidermisden, tüýden, hapadan we beýlekilerden arassalamaly. Eger hapalar aýrylmasa, ölläp, ýumşadylsa aýrylýar. Bir maly arassalamak üçin 4-5 minut wagt sarp edilýär. Sagylýan sygyrlarda deriniň arassaçylyk işleri 30 minutyň dowamynda gowy geçirilmeli. Derini mehaniki arassalamak üçin ujy darakly, çotgaly tozan sorujy mehaniki enjamlar (pylesoslar) hem peýdalanylýar. Bu usulda arassalamanyň hili has-da ýokary bolýar. Mallar mehaniki arassalama tiz öwrenişýärler we endik edýärler.



**6-njy surat.**
**Derä ideg etmek üçin ulanylýan mehaniki çotga**

Mallar yssy howada ýuwulýar we suwa düşürilýär. Eger-de ulanylýan suw bedeniň temperaturasyndan pes bolsa, onda ýerli sowuklamalar ýüze çykyp bilýär. Öl deri ýuwaş bugarýar. Gury derä garanyňda ýylylygy 4 esse köp ýitirýär. Ýuwlan deri haýal guraýar. Mallar 30°C ýylylykdaky suw bilen ýuwulýar. Häzirki wagtda ýörite mal ýuwulýan enjam arkaly 5-10 minutyň dowamynda dört sygyr ýuwulýar (ДУК, ЛСД-1 и ЛСД-2).

Mallar howanyň yssy wagtlary günüň dowamynda iki gezek irden we giçlik ot-iým bermezden bir sagat öň ýuwulýar.

# 7. ÝAŞ GÖLELERIŇ MIKROELEMENTLERE BOLAN TALAPLARY

## 7.1 Gölelerde mikroelementleriň ýetmezçiliginiň alamatlary

**Gölelerde demir ýetmezçiliginiň alamatlary.** Gölelerde demir ýetmezçiligi enesiniň iýmitlendirilşi bilen baglydyr. Ýagny soýulan göläň eti ak reňkde bolup, anemiýa alamatlary ýüze çykýar. Şonuň üçin demir ýetmezçiligine “Ak göle” hem diýlip atlandyrylýar. Şeýle göleleriň ýuwaş-ýuwaşdan işdäsi, ösüşi peselýär, susty pes bolýar. Ähli nemli bardalary agarýar. Şertli patogen infeksiýalaryň ösmegine şert döreýär.

**Gölelerde mis ýetmezçiliginiň alamatlary.** Mis haýwanlaryň bedeninde ösüşi, ganyň önmegini, okislenme-dikelme hadysalaryň kadaly geçmegini, keratinleşme we pigmentlenme hadysalaryny üpjün edýär. Mis demriň iýmitden sorulmagy gemoglobiniň sintezi üçin gerekdir. Göni atmosfera kislorody bilen okislenmäni çaltlaşdyrýan we dokuma dem alyşa gatnaşýan birnäçe fermentler düzüminde mis saklaýarlar.



**7-nji surat. Mis ýetmezçilikli göle (diwary ýalap duran ýagdaýy)**

Gölelerde mis ýetmezçiliginde anemiýa alamatlary we işdäsizlik bolýar. Demir ýetmezçiliginden tapawudy, demir ýetmezçiligi boýunça bejergi geçirilende-de gowulaşmaýar. Soňlugy bilen madda çalyşyk bozulyp, bogunlaryň çişmesi ýaly patologiýalar ýüze çykyp başlaýar. Netijede, agsaklama başlanýar. Göleler ýorgalap ýöreýär we mehaniki şikesleriň netijesinde süňk döwülmeleri başlaýar. Gölelerde miopatiýa ýüze çykýar we çaşyp ýykylmak, dem gysma başlanýar. Göleler ýörite bejergilerden soňra gowulaşýar.

**Gölelerde witamin 12 ýa-da kobaltyň ýetmezçiliginiň alamatlary.** Ýaş gölelere witamin 12 süýt bilen düşýär. Göleler özbaşdak iýmitlenip başlandan soňra, uly garyn kadada işlese kobalty iýmlerden alyp başlaýar. Bu ýetmezçilikde gölelerde anemiýa alamatlary bolýar. Mis we demir preparatlary ulanylsada anemiýa alamatlary aýrylmaýar. Kobalt uly garnyň mikroflorasynyň emele gelmeginde iň zerur maddalaryň biridir. Kobalt ýetmezçiliginde içgeçme ýüze çykýar. Içegeleriň meteorizmi güýçlenýär. Nemli örtükler agaran, tezegi gaty, keselli göle toprak we beýleki hapa zatlary iýýärler

**Gölelerde ýod ýetmezçiliginiň alamatlary.** Ýod ýetmezçiliginde alkym çişme, galkan şekilli mäziň gipertrofiýasy we ýod saklaýan garmonlaryň ýetmezçiligi ýüze çykýar. Göleler tüý örtüksiz dogulyp,

deride çişler bolýar. Galkan şekilli mäziň göwrümi sag göleler bilen deňeşdirilende ulalýar. Mäz towuk ýumurtgasy ýaly ulalýar. Ýod ýetmezçiliginde göleler ýaşaýşa ukypsyz bolup, infeksiýalaryň netijesinde ölýär.

**Gölelerde marganes ýetmezçiliginiň alamatlary.** Gölelerde marganes ýetmezçiligi haýal bildirýär. Olar dogulanda anomaliýa, gowşaklyk alamatlary, artromiodisplazlar, bogunlary ulalma, köp süňkleri gysga we öň injiklerinde çişler döräp, agsaklama alamatlary bolýar.

**Gölelerde selen ýetmezçiliginiň alamatlary.** Miopatiýa alamatlary ýagny myşsa dokumalarynda degeneratiw alamatlaryň ýüze çykmagy bilen tapawutlanýar. Gölelerde agsaklama ýüze çykýar.

Göleleriň duruş pozalary üýtgeýär, ýürek ulgamynyň işiniň bozulmagy netijesinde demgysma ýüze çykýar. Göleleriň arkasy oýuk, guýrugy galyp, aýaklary birleşip degip duran ýagdaýda bolýar. Dem alşy gysga, arakesmeli, diafragma hereketli. Göleler güýçli horlanýar.

### 7.2. Gölelerde mikroelementleriň ýetmezçiliginiň öňüni alynyş we bejeriliş çäreleri

Gölelerde demir preparatynyň inýeksiýasy (Dextran) bir başa 1 gram möçberde sanjylýar. Mis, sink we beýleki mikroelementleriň ýetmezçiliginde dürli görnüşli witamin, mineral premiksler ulanylýar. Ýod ýetmezçiligini bejermek üçin ýoduň önümi bolan kaliý ýodidi ulanylýar. Ýöne bejerginiň netijesi öňüni alyş çäreleriniňkiden pesdir. Keseliň öňüni almak üçin ýodlaşdyrylan nahar duzy ulanylýar. Ol 1 kg nahar duzunda 25 mg kaliý ýodidi saklaýar. Kaliý ýodid bilen bile witamin “A” we kalsiý-fosforly goşundylar ulanylanda oňat netije berýär. Mis ýetmezçiliginde iým paýynda 1 kg gury maddada 8-10 mg bolmasa gölelere goşmaça mis sulfatyny içirmeli.

## 8. GÖLÄNI KESELLERDEN GORAP SAKLAMAK WE BEJERMEK

Göleler ýaşynyň irki döwründe köp keselleýär. Göleleriň ýarawsyzlygynyň 60-65%-i garyn-içege keselleri bolýar, aýratyn hem iç geçme keseli ilkinji üç hepdäniň dowamynda bolup geçýär. Sagdyn göle elmydama hereketde bolýar, tüýi tekiz, ýalpyldap durýar. Işdäsi oňat bolýar. Gäläniň saglyk ýadgaýynyň esasy görkezijileri: endamynyň gyzgynlyk derejesi, ýüreginiň uruş tizligi (pulsy), dem alyş hereketiniň tizligi. Sagdyn malyň bu görkezijileri şu aşakdaky ýaly bolýar: endamynyň gyzgynlyk derejesi 37,5-39,5°C, ýüregiň uruş çaltlygy minutda 50-80 gezek , dem alyş hereketi 12-30 gezek. Ýokanç kesellerinde, öýken sowuklanynda, garyn-içege we başga içki synalary keselläninde göläniň endamynyň gyzgynlyk derejesi ýokarlanýar. Köp wagtlap daşarda günüň göni şöhlesiniň aşagynda ýa-da wagtal-wagtal şemalladylmaýan kapas jaýda saklanmagyda göläniň gyzgynynyň ýokarlanmagyna sebäp bolup biler. Göle bir zat bilen zäherlenende ýa-da arryk düşende endamynyň gyzgynlygy kadadan aşak düşýär.

**Içgeçme** – gölelerde giňden ýaýran keseldir. Ol her dürli sebäplerden ýüze çykyp biler, iýmitlendirmekde we saklanyş şertlerinde göýberilen az-owlak ýalňyşlyklar hem şoňa sebäp bolup biler. Göleleri garyn-içege kesellerinden gorap saklamagyň esasy usuly – ol hem bolsa ulanylýan gap-gaçlaryň arassalygy, bellenilen gün tertibini berjaý etmek, diňe oňat hilli ot-iýmler bilen iýmitlendirmek. Gölede içgeçme keseli ýüze çykanda haýal etmän oňa berilýän süýdüň möçberini (kadasyny) ýarty esse azaltmaly, gaýnadylan suwuň mukdaryny bolsa köpeltmeli we emdirilenden 2 sagat geçenden soň içirmeli. Içgeçmäni duruzyjy serişde görnüşinde süýde ajy demlenen çaý garmak bolar – ýarym litr süýde bir bulgurjyk çaý. Gölelerde ýene-de bir giňden ýaýran keselleriň biri – olaryň içiniň gatamagydyr. Göläniň içi bitende onuň garny çişýär. Edil iç geçmedäki ýaly gije-gündizdäki berilýän ot-iými azaltmaly. Göläniň içini arassalamak üçin oňa çigit ýagyny bermeli, garnyny owkalamaly. Täze bolan gölelerde asfiksiýa (demikme, bogulma) keseline hem duş gelinýär. Bu kesel haçan-da göle gaty iri bolup sygryň gölelemegi agyr geçende ýüze çykýar. Demikmede täze bolan göläniň dem alyş ýollaryny haýal etmän süpürip şepbeşik nemlerden halas etmeli. Ýürek derman serişdelerini bermeli. Agzalyp geçilen kesellere maslahat berlen emler peýda bermese, onda haýal etmän mal lukmanyna ýüz tutmaly.

# 9. ÝAŞ GÖLELERDE IÇGEÇME ALAMATLYGEÇÝÄN KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALYŞ WE BEJERIŞ ÇÄRELERI

## 9.1. Ýaş gölelerde içgeçme alamatly geçýän keselleriňsebäpleri, ýaýraýşy we kliniki alamatlary

Ýaş göleleriň ýaşaýşynyň ilkinji döwürlerinde ýüze çykýan keselleriň 85%-i iýmit siňdiriş ulgamynyň kesellerine degişlidir. Iýmit-siňdiriş ulgamynyň agzalarynyň keselleri dürli sebäplere görä ýüze çykyp, ýaş göleleriň ösüşine täsir edýär we olaryň kesellere garşy durujylygy peselýär. Eger-de göle siňeklerden we mör-möjeklerden goranmasa, depresiýa ýagdaýda bolsa, onda olaryň kesellänligini aňladýar. Göle dyngysyz molasa, iňlese, ses çykarsa, dilini çykaryp, agzyndan dem alsa we beýleki özüni alyp baryş hereketleri üýtgän bolsa fiziologik ýagdaýynyň bozulanlygyny aňladýar. Göleleriň saklanylyşyny ösdürmek – gara maldarçylykda iň möhüm wezipeleriň biridir. Ýaş göleler köplenç ilkinji aýynda aşgazan-içege keselleri bilen köp keselleýärler. Ene mallara nädogry ot-iým berlende, çygly hapa ýataklarda saklanylanda, gezimi ýetmedik halatynda, sagym döwri uzaga çekdirilende içgeçme alamatly keseller döreýär. Şonuň ýaly-da täze bolan gölä owuz süýdi we süýt gijikdirip emdirlende, ýelni agyryly döwründe nädogry emdirlende, hapa gaplar ulanylanda ýa-da göleler şemalda saklanylyp, ot-iýmiň berlişi ýaramaz bolanda hem ýüze çykýar. Ýaş göleler özleriniň irki ösüş döwründe, köplenç, içgeçme alamatly keseller bilen köp keselleýärler. Şonuň üçin ýaş göleleri bu kesellerden gorap saklamak wajyp meseleleriň biridir. Bu keseller kolienterit we kolisepsis bilen ýüze çykýan ýiti geçýän ýokanç kesellerdir. Içgeçme alamatly kesellerde kesel dörediјiniň esasy çeşmesi keselli we keselden açylan gölelerden bölünip çykýan tezek, peşew we burundan akýan suwuklyklar bolup durýar. Keselli göleler arkaly keselleriň dörediјisi epizootik ýaýraýar. Içgeçme alamatly geçýän keseller gölelere iýmit arkaly, dem alyş ýoly bilen geçýär. Hapalanan iým, suw, ulanylýan enjamlar, toprak, ders we mallara seredýän işgärler keseliň dörediјisini geçirýän esasy faktorlardyr. Ilkinji 5-10 günlük gölelerde ýakymsyz ysly suwuk içgeçme bolýar, işdäsi bolmaýar, gyzgyny ýokarlanmaýar, tersine agyr ýagdaýda

gyzgyny pese düşýär. Garny çekilen ýagdaýda, gözüniň owasy çöken, guýrugynyň töweregi hem elmydama hapa bolýar. Gölelerde näme üçin içgeçmelerde suwsama alamatlary bolmaýar diýen sorag ýüze çykýar. Içgeçmelerde natriý we kaliý duzlary öt bilen inçe içegelere düşýär. Içegelerden bolsa suwuklyk bilen daşa çykarylýar. Ganda natriý we kaliý duzlarynyň möçberi azalan-soň suwa bolan isleg bolmaýar. Netijede, beden köp mukdarda suw ýitirýär we suwsuzlanýar. Içgeçme alamatlary ýüze çykýar we gözleri içine çöken ýaly alamatlar bolýar. Gulak ýelkenleri sallanyp ugramagy organizimde güýçli suw ýitirmeginiň alamaty bolup durýar. Içgeçmäniň öňüni almak üçin bogaz, süýtden çykan sygyrlaryň, bogaz tüweleriň iýmit kadasyna silosy we başga tiz turşaýan otlary az goşmaly. Süýtden wagtynda çykarmaly, ýokary hilli bede bermeli. Sygryň göleleýän jaýynyň arassalygyny gazanmaly. Göläni arassa jaýda saklap, owuz süýdüni mümkin boldugyça çalt emdirmeli, soňra gije-gündizde 4-5 gezek enesini emdirmeli. Ýaş gölelere sowan şeýle hem keselli sygryň süýdüni içirmek bolmaýar.

*5-nji tablisa*

**Dürli sebäplere görä ýaş gölelerde ýüze çykýan içgeçmeleriň kliniki alamatlary**

| **Görnüş-leri** | **Sebäpleri** | | **Keseliň döreýän möhleti** | **Keseliň ýüze çykýan alamatlary** | **Tezeginiň tipiki görnüşleri** |
|---|---|---|---|---|---|
| | **Kesel döredijiler** | **Kesel döredijiler** | | | |
| Ýokanç däl | Alimentar | Osmatiki diareýa | Dürli ýaşda | Hroniki geçýär:kaheksiýa, ösüşiniň saklanmagy, köplenç ýatýar, kömeksiz turup bilmeýär | Tezeginiň göwrümiuly, ak toýny ýa-da salýar |
| | | Uly garna süýt düşme | Dürli ýaşda | Asidoz, kaheksiýa we beden köp suw ýitirýär | Tezek ak toýny ýa-da salýar |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Gipoprotein emiýa | Dürli ýaşda | kaheksiýa, ösüşiniň saklanmagy, köplenç ýatýar, kömeksiz turup bilmeýär | Göwrümi az suýuk tezek |
| Ýokanç | Bakteriýalar | *E.coli* | 1-15 günlük ýaşda | Ilki gyzgyny galýar-normotermiýa-gipotermiýa | Tezegi köp, süýük we sary bolýar |
| | | *Salmonella spp.* | 4-28 günlük we ulularda | Gyzgyny bolýar, depressiw sindrom, septisemiýa | Nemli içgeçme, fibrin goýaltmaly we ýakymsyz ysly tezek |
| | | *C.Perfringens* A,B we C | 1-15 günlük we ulularda | Sanjy, endotoksemiýa we garaşylmadyk ölüm | A-az tezekleýär; B we C-gemorragiki enterit |
| | Wiruslar | Rotawiruslar | 5-21günlük | Gyzgyny ýokary bolýar, bejergi bolmaýar, gipowolemiýa netijesinde 72 sagatdan ölýär | Ilki goýy, ak nemli, soňra süýgelýär |
| | | Koronawiruslar | 5-30 günlük | | Sary ýada gana boýalan nemli içgeçme |

Içgeçme döremeginiň esasy sebäpleri:

- owuz süýdüniň giç emdirilmegi;
- sowuk süýt berilmegi;
- ýaglylygy ýokary bolan sygyrlaryň süýdi emdirilmegi;
- ulanylýan enjamlaryň hapa bolmagy;
- süýt emdirlende belli bir interwal saklanylmazlygy;
- sagylýan sygyrlara berilýän ot-iýmleriň üýtgedilmegi;
- berilýän ot-iýmiň düzüminde beloklaryň mukdarynyň artyk bolmagy;
- göleleriň zowlama şemal geçýän ýerlerde saklanylmagy;
- göle ýataklarynda arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilmezligi.

## 9.2 Içgeçme alamatly geçýän keselleriň öňüni alyş we bejeriş çäreleri

Göleleriň içgeçme alamatly geçýän kesellerini bejermek üçin aşakdaky yzygiderlilik ulanylýar:

– gana bakteriýalaryň we olaryň toksinleriniň sorulmagynyň öňüni almaly;
– antibiotikler ulanmaly;
– içegeleriň içindäki turşulygy ýokarlandyrmaly;
– mineral duzlary ulanmaly;
– gölelere saklanylyş şertlerini gowulandyrmaly we ýokary hili ot-iýmler bilen üpjün etmeli. Gölelere profuz içgeçmelerde, bedeniň güýçli suw ýitirmesinde simptomatiki serişdeleri we suw-elektrolit erginleri ulanmak maslahat berilýär. Ýaş göleleriň aşgazan-içege keselleriniň öňüni almak üçin doglandan 1-3 gün geçenden soňra şu aşakdaky serişdeleri içirmek maslahat berilýär:
– owuz immunoglobulini, owuz syworotkasy (serokolostrin) ýa-da ýörite däl immunoglobulin içirmeli;
– günüň dowamynda 2-3 gezek probiotiklerden-bifidoflorin, enterobifidin, bifidumbakterin, laktobakterin we şuňa meňzeşleri içirmeli;
– witaminleri (A,D,E), mikroelementleri (selen, ýod, kobalt) ulanmaly;
– immunostimulýatorlary ulanmaly (T-aktiwin, B-aktiwin, apistimulin-A, timalin, mastim, dostim we ş.m.);
– göleleriň madda alyş-çalyşygyny gözegçilikde saklamaly. Madda çalşygy gowulandyrmak üçin ýörite premiksleri, witamin mineral we mineral goşundylary ulanmaly (kostowit forte, Immunofor, Bio- wit-2, Oligowit we ş.m.).

Göleler bir iýmitden başga iýmite geçilende glýukoza ýa-da saharoza (100-120 gram) goşulan natriý hloridiniň izotoniki erginini (1litr) içirmeli. Ösüşi kem bolan gölelere wena içine 40-50 ml 40%-li möçberde glýukozanyň erginini günde bir gezek goýbermeli. Gölelerde aşgazan-içege keselleriniň kliniki alamatlary ýüze çykyp ugrandan (8-18 sagat) aç saklamaly owuz ýa-da süýdüň deregine 1%-li natriý hloridiniň erginini, zygyr tohumynyň, çopantelpegiň gaýnatmasyny we beýleki dermanlyk ösümlikleriň gaýnatmalaryny köp bolmadyk möçberlerde (0,5-0,7 litr) içirmeli. Göleler rota, korona we parwowirus infeksiýalar bilen köp keselleseler A-witamininiň ýetmezçiligini aňladýar. Şeýle ýagdaýlarda gölelere et içine A witamininiň konsentratyny 50-100 müň birlikde üç günden bir gezek sançmaly. Göleleriň bedende başga witaminler ýetmezçilik etse, gije-gündiziň dowamynda süýt bilen witamini (witamin B1)

50-100 mg we askorbin kislotasyny (witamin C) 0,5-1 gram möçberde goşup içirmeli.

Şeýle-de şu ýagdaýda adaty çaýdan iýmit taýýarlanyp içirilýär. Ony taýýarlamak üçin bir litr çaýa üç sany ýumurtganyň belogy we 10 gram nahar duzy goşulýar. Emele gelen erginden 1 kg diri agrama 5-10 gram möçberde içirilýär.

Ýaş gölelerde gemoglobiniň derejesi azalanda şu aşakdaky kliniki alamatlar hasaba alyndy:

- özüni alyp baryş işjeňligi peselýär;
- daşyndaky enjamlary sorup başlaýar;
- deri örtügi gijäp diwara gaşanyp başlaýar;
- bedene iýmit maddalary ýetmeýänligi sebäpli tapan zatlaryny ýalap, ýuwudyp başlaýar.

Iýmit siňdiriş ulgamynyň mikroflorasynyň durnuklylygyny saklamak üçin, disbakterioz ýüze çykmaz ýaly öňüni alyş maksatlary üçin probiotikler-bifidoflorin, enterobifidin, bifidumbakterin we laktobakterin ulanylýar. Bu probiotikleriň hiç-hili ters täsirleri ýok. Iýmit siňdirişi kadalaşdyrýar. Ýaglaryň, duzlaryň we demriň siňşini ýokarlandyrýar. Immunostimulýator häsiýete eýedir. Bedende nitratlaryň saklanylyşyny azaldýar we iýmitleriň toksiki (zäherleýji) täsirleriniň öňüni alýar. Bu derman serişdeler ekologik taýdan arassa önüm hasplanylýar. Olar iýmit siňdiriş ýolunyň nemli bardalarynda barýer funksiýasyny amala aşyrýar. Başga bakteriýalaryň we wiruslaryň öndürýän önümleriniň zyýanly täsirini azaldýar. Probiotikler 50—100 ml mukdarda günde bir gezek üç gije-gündiziň dowamynda içirilýär. Keselleri bejermek maksady bilen günde iki gezek 100 ml mukdarda süýde goşup içirilýär. Ýaş göleleriň immundefisitiniň öňüni almak üçin öýjük immunitetini sazlaýan – timopoetin, timozin, timolin, timostimulin, T-aktiwin, apistimulin-A, witamin C, mastimom, dostimom we ş.m. ulanylýar. Göleleriň çopansöýeriniň fermentatiw işjeňligini sazlamak, aşgazanasty mäziň funksiýasyny ýokarlandyrmak üçin, aşgazan şireleri, kutikulin, pepsin, himopsin, pankreatin, rennin we şuňa meňzeşler ulanylýar. Aşgazan – içege ulgamynyň işiniň bozulmagynyň irki döwürlerinde patogenetik bejergi üçin 1-2%-li natriý gidrokarbonatynyň erginini 200 ml möçberde iýmitlendirmezden 10-15 minut öň berilýär. Bu bolsa çopansöýeriň turşulygyny neýtrallaşdyrýar, peristaltikasyny dikeldýär we ganyň

bufer häsiýetini ýokarlandyrýar. 700 gram çaý sodasyny, 100 gram nahar duzy, 30 gram riwanol goşup külke taýýarlanyp, gölelere günde 2-3 gezek iýmitlendirilmezinden öň bir çaý çemçe möçberde içirmeli. Riwanolyň deregine 50 gram möçberde furazolidon ulanylsa hem bolýar.

Ýowşan, çitçiti we boýbodran ýaly ösümliklerden taýýarlanan spirtdäki erginleriň hem ýokary terapewtiki ähmiýeti bardyr. Olary taýýarlamak üçin 20 gram gury maddasyny 2 litr suwda gaýnadyp, 45 minut goýup, marly arkaly süzmeli. Taýýar bolan gaýnatma 15 ml ýoduň spirtdäki 5%-li ergini, 200 gram glýukozanyň külkesi we 300 gram çakyr spirti goşulýar. Soňra üstüne 3 litr gaýnan suw goşulyp, taýýar erginden 500-600 ml mukdarda her baş gölä içirilýär. Şeýle-de bejergide spirt erginleri 100-150 ml mukdarda wena goýberilende ýa-da içirilende hem netijeli täsir edýär. Ony taýýarlamak üçin 500 ml 0,9% -li natriý hloridiniň ergini, 50 gram glýukoza we 50 ml arassalanan (rekrifirlenen) etil spirti gerek bolýar. Keselli göleleriň bedeninden degidratasiýany we intoksikasiýany aýyrmak üçin aşakdaky duz erginleri ulanylýar (wena içine, deriastyna, garyn içine):

- 0,85%-li natriý hloridiniň ergini;
- kalinat;
- 5%-li glýukoza ergini;
- regidroltan;
- Ringer-Lokka;
- giperton (Л.А.Афанасьеву boýunça);
- serogidrolizin we şuňa meňzeşler.

Şeýle-de plazmanyň ornuny tutujylar:

- gemodez;
- poliglýukin we şuňa meňzeşler.

Poliglýukin:

- ganyň göwrümini kadalaşdyrýar;
- gan basyşy kadalaşdyrýar;
- dokuma suwuklygynyň gana geçişini sazlaýar;

böwregiň işini kadalaşdyryp, intoksikasiýany (zäherlenmäni) aýyrýar.

**Poliglýukini ulanmaklygyň usulýeti:** gölelere diri agramy 10-15 ml/kg möçberde goýberilýär.Mysal üçin göläniň diri agramy 30 kg bolsa 300-450 ml mukdarda 2-3 gije-gündiziň dowamynda goýberilýär.

Izotoniki erginlerden soňra bedeniň suw ýitmegini azaltmak üçin wena içine gipertonik erginler ulanylýar. Olar şu aşakdakylar görnüşde 5-10%-li, natriý hlor ergini, 10%-li kalsiýhlor ergini, 20%-li kalsiý borglýukonat, askorbin kislotaly 20-40% li glýukozanyň ergini (50-100 ml möçberde).

Şeýle-de aşgazan-içege keselleriniň öňüni almak we bejermek üçin antibiotikler hem ulanylýar. Antibiotikler mikroblara bolan duýgurlygyny kesgitläp ulanylsa islenilen netijäni has oňat alyp bolýar. Şonuň üçin keselli gölelerden patologik material alyp, bakteriologik barlaglardan geçirip, olaryň mikroblara bolan duýgurlygy kesgitlenilýär.

Şeýle-de dermanlaryň bejeriş we öňüni alyş netijeliligini ýokarlandyrmak üçin olaryň haýsy dermanlar bilen utgaşykly ulanyp bolýanlygyny, takyk möçberlerini we ulanyş usullaryny saýlamany başarmaly. Gölelere antibiotikler bellenilende olaryň ýanynda hökman aşgazan-içege mikroflorasyny gowulandyrýan dermanlary bellemeli. Etitrop bejergi patogen mikroblaryň ugruna görä bellenilýär. Ýagny antibiotikler, sulfanilamidler we beýleki antibakterial serişdeler ulanylýar. Onuň üçin:

- bakteriýalaryň duýgurlygy;
- antibiotikleriň beýleki dermanlar bilen utgaşyklygy;
- bejerişiň dowamlylygy;
- ulanylyş usuly ýaly görkezijiler göz öňüne getirilip saýlanyp alynýar.

*6-njy tablisa*

**Ýaş gölelerde antibiotikleriň ulanylyş usullary**

| Antibiotikleriň atlary | Goýberiliş ýoly | Keseliň geçiş görnüşleri | Ulanyş möçberi we ýygylygy |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Gentamisin külkesi | Peroral (içirmek) | Içege | Bejerginiň birinji güni 750 mg, soňky 2-4 günleri 600 mg sutkada iki gezek ulanylýar |
| Gentamisin 4-5%-li ergini | Et içine | Septiki | Gije-gündiziň dowamynda 4-5 ml iki gezek 3-5 günüň dowamynda ulanylýar |
| Neomisin sulfat külkesi | Et içine | Septiki | 360-450 mg boýunça gije-gündiziň dowamynda 3 gezek 3-gün ulanylýar |
| | Peroral (içirmek) | Içege | 1–1,2 g boýunça gije-gündiziň dowamynda 3 gezek 3-gün ulanylýar |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Polimiksin M weB sulfat, külke | Et içine | Septiki | Bedeniň diri agramy 10 müň birlik kg boýunça günde 2-3 gezek 3-5 günüň dowamynda |
| | Peroral (içirmek) | Içege | Bedeniň diri agramy 20-50 müň birlik kg boýunça günde2-3 gezek 3-5 gün ulanylýar |
| Enroksan inýeksiýaüçin (5%-li enrofloksasin) | Deri astyna | Septiki | Diri agramy 20 kg-a 1 ml.Sutkada bir gezek 3-5 gün bellenilýär |
| Oksitetrasiklin-200,(1 ml 200 mg oksite trasiklin saklaýar) | Et içine | Septiki | Diri agramy 20 mg/ kg ýa-da1 ml 10 kg diri agrama günde bir gezek üç gün ulanylýar |
| Sultprim 100 gram külkesi, 10 gram tetrasiklin, 5 gram sulfametoksazol we 2 gram trimetroprim saklaýar | Peroral (içirmek) | Içege | 10 kg diri agram 2,6 gramgije-gündiziň dowamyndabir gezek 30 minut ot-iýmbermezden öň 3-5 gün ulanylýar |
| Sulf-80, bir tabletka80 mg trimetroprimwe 400 mg sulfa- dimezin saklaýar | Peroral (içirmek) | Içege | Günde bir tabletkadan iki gezek 5-7 gün ulanylýar (ulanmazdan öň suwda ýa-dasüýtde eretmeli) |

*7-nji tablisa*

**Antibiotikleriň utgaşyklygy (bilelikde ulanylanda täsirleri)**

| | penisillinler | sefalosporinler | eritromisin | tetrasiklinler | tilozin | streptomisin | neomisin | kanamisin | gentamisin | linkomisin | flýumekwin | sulfanilamidler | tiamulin | kolistin | spektinomisin | doksisiklin | enrofloksasin |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| penisillinler | | ++ | - | - | - | ++ | ++ | ++ | ++ | - | ++ | + | - | ++ | ++ | - | ++ |
| sefalosporinler | ++ | | - | - | - | ++ | ++ | ++ | ++ | - | ++ | + | - | ++ | ++ | - | ++ |
| eritromisin | - | - | | ++ | ++ | - | ++ | - | - | + | x | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | x |
| tetrasiklinler | - | - | ++ | | ++ | + | - | + | + | ++ | - | ++ | ++ | ++ | - | ++ | - |
| tilozin | - | - | ++ | ++ | | ++ | ++ | ++ | ++ | - | x | x | ++ | ++ | ++ | ++ | x |
| streptomisin | ++ | ++ | - | + | ++ | | x | x | x | + | ++ | + | ++ | x | ++ | - | ++ |
| neomisin | ++ | ++ | ++ | - | ++ | x | | x | x | + | ++ | + | ++ | x | ++ | - | ++ |
| kanamisin | ++ | ++ | ++ | + | ++ | x | x | | x | + | ++ | + | ++ | x | ++ | - | ++ |
| gentamisin | ++ | ++ | - | + | ++ | x | x | x | | - | ++ | + | ++ | x | ++ | - | ++ |
| linkomisin | - | - | + | ++ | - | + | + | + | - | | x | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | x |
| flýumekwin | ++ | ++ | x | - | x | ++ | ++ | ++ | ++ | x | | + | ++ | ++ | ++ | - | ++ |
| sulfanilamidler | + | + | ++ | ++ | x | + | + | + | + | ++ | + | | ++ | ++ | - | - | + |
| tiamulin | - | - | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | | ++ | ++ | ++ | ++ |
| kolistin | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | x | x | x | x | ++ | ++ | ++ | ++ | | x | ++ | ++ |
| spektino-misin | ++ | ++ | ++ | - | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | ++ | - | ++ | x | | - | ++ |
| doksisiklin | - | - | ++ | ++ | ++ | - | - | - | - | ++ | - | - | ++ | ++ | - | | - |
| enrofloksasin | ++ | ++ | x | - | x | ++ | ++ | ++ | ++ | x | ++ | + | ++ | ++ | ++ | - | |

***Bellik:*** "++" – täsirini güýçlendirýär, "+" – täsirini gowşak güýçlendirýär, "**-**" – täsirini gowşadýar, "**x**" – zäherliligini güýçlendirýär.

**Gölelerıň aşgazanynyň öňki kameralarynyň keselleriniň bejerilişi:**

- iýmit kadasyny azaltmaly;
- göleleriň iýeni siňmese iri otlaryň mukdaryny azaltmaly;
- uly garnyň fermentasiýasyny kadalaşdyrmak üçin sagdyn uly malyň uly – garnyna zond goýberip uly garnyň massasyny alyp ýa-da propion kislotasynyň garyndysyny we mikroelementleri goýbermeli.

## 10. ÝOKANÇ KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAKÜÇIN ÝAŞ GÖLELERE GEÇIRILÝÄN SANJYMLAR

- 7-10 günlük ýaşdan soňra infeksion rinotraheit, wirusly diareýa we paragripp-3-e garşy waksinasiýa geçirmeli (epizootiki ýagdaýyň görkezijilerine bagly);
- 14-17 günlük ýaşdan soňra paratife we pasterellioza garşy waksina sançmaly;
- 21-24 günlük ýaşdan soňra gijilewükli demrewe garşy (стригущего лишая) sanjym geçirmeli;
- 28-31 günlük ýaşdan soňra infeksion rinotraheit, wirusly diareýa we paragripp-3 garşy rewaksinasiýa geçirmeli (epizootiki ýagdaýyň görkezijilerine bagly);
- 30-35 günlük ýaşdan soňra paratife we pasterellioza garşy rewaksinasiýa geçirmeli;
- 38-40 günlük ýaşdan soňra gijilewükli demrewe garşy (стригущего лишая) rewaksinasiýa geçirmeli.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. – Aşgabat, 2010.

2. “Türkmenistany dumuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin esasy ugurlary“. Milli maksatnamasy, 2010.

3. *Annamuhammedow Ö., Nurgeldiýew H., Nazarow N.* – Gara maldarçylygy alyp barmak boýunça gollanma. – Aşgabat: Ylym, 2011.

4. *Nurgeldiýew H., Çerkezow A.* – Gara maldarçylykda ýaş mallary ösdürmegiň tehnologiýasy. Kitap:Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe maldarçylyk ylmy ösüş ýolunda. Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – Aşgabat: Ylym, 2017. 35-49 sah.

5. *Гусева К.М.* Телята в домашнем хозяйстве // Московский рабочий, 1985.

6. *Лазаренко В.Н., Эпштейн*. Выращивание телёнка. – М.: Россельхозиздат, 1985.

7. *Михеев Г.Д., Гаврилова Т.И.* Корма Туркменской ССР (состав и питательность). – Ашгабад: Ылым, 1977.

8. Нормы и рационы кормления сельскохозяйственных животных. Справочное пособие. – М.: Агропромиздат, 1985.

9. *Сидоров М.А.* Основы профилактики желудочно-кишечных заболеваний новорожденных животных.// Ветеринария. 1998. №1. стр. 3-6.

*1-nji goşundy*

## Sygyrlaryň bogazlyk kalendary (ortaça 280 gün)

| Tohumlan-dyrylan | Gölelemeli | Tohumlan-dyrylan | Gölelemeli | Tohumlan-dyrylan | Gölelemeli | Tohumlan-dyrylan | Gölelemeli |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| wagty | | wagty | | wagty | | wagty | |
| Ýanwar | Oktýabr | Aprel | Ýanwar | Iýul | Aprel | Oktýabr | Iýul |
| 1 | 7 | 1 | 5 | 1 | 6 | 1 | 7 |
| 5 | 11 | 5 | 9 | 5 | 10 | 5 | 11 |
| 10 | 16 | 10 | 14 | 10 | 15 | 10 | 16 |
| 15 | 21 | 15 | 19 | 15 | 20 | 15 | 21 |
| 20 | 26 | 20 | 24 | 20 | 25 | 20 | 26 |
| 25 | 31 | 25 | 29 | 25 | 30 | 25 | 31 |
| Fewral | Noýabr | Maý | Fewral | Awgust | Maý | Noýabr | Awgust |
| 1 | 7 | 1 | 4 | 1 | 7 | 1 | 7 |
| 5 | 11 | 5 | 8 | 5 | 11 | 5 | 11 |
| 10 | 16 | 10 | 13 | 10 | 16 | 10 | 16 |
| 15 | 21 | 15 | 18 | 15 | 21 | 15 | 21 |
| 20 | 26 | 20 | 23 | 20 | 26 | 20 | 26 |
| 25 | 1 (dekabr) | 25 | 28 | 25 | 31 | 25 | 31 |
| Mart | Dekabr | Iýun | Mart | Sentýabr | Iýun | Dekabr | Sentýabr |
| 1 | 5 | 1 | 7 | 1 | 7 | 1 | 6 |
| 5 | 9 | 5 | 11 | 5 | 11 | 5 | 10 |
| 10 | 14 | 10 | 16 | 10 | 16 | 10 | 15 |
| 15 | 19 | 15 | 21 | 15 | 21 | 15 | 20 |
| 20 | 24 | 20 | 26 | 20 | 26 | 20 | 25 |
| 25 | 29 | 25 | 31 | 25 | 1-Iýul | 25 | 30 |

# MAZMUNY

GIRIŞ ....................................................................................................6
**1. Sagdyn göle almaklygyň ýollary** ................................................7
1.1 Bogaz sygyrlary süýtden çykarmaklygyň wagtywe iýmitlendirilişi .......................................................................................7
1.2 Bogaz sygyrlary gölelemeklige taýýarlamakwe göläni kabul etmek .....................................................................................................10
1.3 Täze gölelän sygra ideg etmek....................................................10
**2. Ýaş göleleriň ýatagyna zoogıgıýenık talaplar**...........................11
2.1. Göleleriň saklanylyşy..............................................................11
2.2 Göleleriň gezim etdirilişi ............................................................12
2.3 Göle ýataklarynyň mikroklimaty ................................................13
2.4 Umumy zoogigiýenik talaplar.....................................................14
**3. Täze doglan göleleri idetmek** ......................................................14
3.1 Täze doglan göle üçin esasy iýmit-owuz süýdüdir......................14
3.2 Owuz süýdi bolmadyk ýagdaýynda ulanylýan iýmitler .............18
3.3 Gölä bedreden süýt içmekligi öwretmek ....................................19
3.4 Gölä suw içmekligi öwretmek ....................................................20
3.5 Gölä ot-iýmleri iýmegi öwretmek................................................21
**4. Gölelere 6 aýlyk ýaşa çenli ideg etmek** .....................................22
**5. Ýaş göleleriň suwa bolan talaplary** ............................................25
5.1. Ýaş gölelerde suw ýetmezçiligi we artykmaçlygy.....................25
5.2 Gölelere berilýän suwlaryň fiziki-himiki häsiýetlerinebildirilýän talaplar....................................................................................................27
**6. Ýaş göleleriň deri örtügine edilýän idegiň aýratynlyklary**......28
6.1 Ýaş göleleriň deri örtügine edilýän idegiň ähmiýeti...................28
6.2 Ýaş göleleriň deri örtügine ideg etmegiňusullary.......................29
**7. Ýaş göleleriň mikroelementlere bolan talaplary**.......................31
7.1 Gölelerde mikroelementleriň ýetmezçiliginiň alamatlary............31
7.2. Gölelerde mikroelementleriň ýetmezçiliginiňöňüni alynyş we bejeriliş çäreleri..........................................................................33
**8. Göläni kesellerden gorap saklamakwe bejermek**.....................33
**9. Ýaş gölelerde içgeçme alamatlygeçýän keselleriň öňüni alyş we bejeriş çärelerI**.........................................................................35

9.1. Ýaş gölelerde içgeçme alamatly geçýän keselleriňsebäpleri, ýaýraýşy we kliniki alamatlary ........................................................35
9.2 Içgeçme alamatly geçýän keselleriň öňüni alyş we bejeriş çäreleri ......................................................................37
**10. Ýokanç keselleriň öňüni almaküçin ýaş gölelere geçirilýän sanjymlar**.......................................................................43
Peýdalanylan edebiýatlar..................................................................45

TÜRKMENISTANYŇ OBA WE SUW HOJALYK MINISTRLIGI
TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTY
TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MALDARÇYLYK WE WETERINARIÝA INSTITUTY

*Atajan Çerkezow, Meretmät Meretmädow, Nabat Kakabaýewa*

# ÝAŞ GÖLELERI SAKLAMAGYŇ WE IÝMITLENDIRMEGIŇ NETIJELI USULLARY

Ylmy-önümçilik gollanma

| | |
|---|---|
| Redaktor | *B.Şabasanowa* |
| Teh.redaktor | *T. Aslanowa* |
| Komp.bezegi | *S.Rahmanberdiýewa* |

Ýygnama berildi 14.06.2018. Çap etmäge rugsat edildi 28.06.2018.
A-97527. Ölçegi 60x84 1/ . Edebi garnitura.
Çap listi 3,5. Şertli-çap listi 3,255. Hasap-neşir listi 1,75.
Neşir №37. Sargyt №66. Sany 200.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köçesi, 15.